# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY DÖWLET BANKY



## ÝYLLYK HASABATY 2009

# Mazmuny

Müdiriýetiň Başlygynyň ýüzlenmesi 4

Makroykdysadyýet we bank ulgamy 6

Ýylyň netijeleri 7

Türkmenistanyň Hökümetiniň wekiliniň wezipelerini ýerine ýetirýän işleri we bankyň karz syýasaty 8

Iri müşderilere hyzmat etmek 11

Hususy müşderilere hyzmat etmek 12

Maliýe bazarlaryndaky amallar 13

Maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk 14

Bankyň habarlar ulgamy 16

Korporatiw dolandyryş 17

Durmuş ugurly maksatnamalara gatnaşmak 16

Gelejekki ösüş meýilnamalary 19

Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 19

Maliýe hasabatlylygyna bellikler 20

## Müdiriýetiň Başlygynyň ýüzlenmesi

Hormatly hanymlar we jenaplar!

Müdiriýetiň we Başlyklar geňeşiniň adyndan, ýurduň iň iri maliýe guramalaryň biri bolan, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň 2009-njy ýylda ýerine ýetiren işleri barada hasabatyny Siziň dykgatyňyza hödürleýärin. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda daşary ykdysady gatnaşyklary we milli senagaty ösdürmek maksady bilen, 1992-nji ýylda döredilen bu bank, uzak ýyllaryň dowamynda durmuş – ykdysady özgertmeler babatdaky döwlet syýasatynyň ygtybarly ugrukdyryjylarynyň biri hasaplanýar.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň işiniň beýleki karz beriji guramalardan häsiýetli tapawudy, ykdysadyýete daşary ýurt karzlaryny çekmek we olar babatda soňraky hyzmatlary amala aşyrmak boýunça, Türkmenistan hökümetiniň wekiliniň wezipelerini ýerine ýetirýändiginden ybaratdyr. Ýöriteleşdirilen maliýe – karz guramasy hasaplanýan bank giň halkara gatnaşyklara eýedir. Bank tarapyndan döwletara ylalaşyklar we hökümet maksatnamalary, şeýle hem uly maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek boýunça maliýe hyzmatlary ýerine ýetirmekde baý tejribe toplandy. 2009-njy ýylda hem Bank bu ugurda işleri dowam edip Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky daşary ýurt we halkara maliýe guramalary bilen Türkmenistanyň 2020-nji ýyla çenli ösüşiniň Milli Maksatnamasyna girizilen nebit gaz pudagynda, ulag we aragtnaşyk ulgamynda maýa goýum taslamalary durmuşa geçirmäge gönükdirilen birnäçe karz ylalaşyklary baglaşdy. Şeýle hem hasabat ýylda Mary şäherinde amiak we karbamid önümçiligiň durkuny täzelemek taslamasyny maliýeleşdirmek barada Hyzmatdaşlyk ylalaşygyna gol çekdi.

Köp ugurly karz instituty hökmünde ösüşini dowam etdirmek bilen, bank şu hasabat ýylynda hem halkara hasaplaşyklar we tölegler ugrunda, bankara depozitler bazarynda we gyzyl pul bazarynda ilkinjilik ornuny saklap galmak bilen, maliýe bazaryndaky özi üçin däp bolan işleri işjeň amala aşyrdy. Korporatiw müşderilere hyzmat etmeklige, şeýle hem bölekleýin hyzmatlary mundan beýläk ösdürmeklige üns ýokary derejede güýçlendirildi. Şu ýyl hem Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky aktiwleriň möçberlerini, hususy serişdelerini, girdejileri, müşderileriň sanyny, geçirilýän amallaryň möçberini ýokarlandyrmak, şeýle hem milli bank ulgamyny durnukly ösdürmek işleri boýunça öňdebaryjy bankyň biri bolup durýandygyny ýene-de bir gezek subut etdi. Maliýe hasabatynyň milli ülňileri boýunça bankyň aktiwleri 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýy babatynda 2,79 mlrd. manatdan ybarat boldy. Balans girdejisi 21,75 mln. manatdan ybarat boldy. Bankyň hususy maýasy 287,8 mln. manat artdy we ýylyň netijesi boýunça 3 % ýokarlandy, şunuň bilen hususy serişdeleriň ýeketäk ösüş çeşmesi, öňki ýyllardaky ýaly sap girdejili bolmagynda galýar. Diňe bir ýurduň içinde däl, eýsem halkara çäginde ygtybarly hyzmatdaşyň abraýyna eýe bolan bankyň iş netijeleri, onuň öňdebaryjylyk ornuny saklamak we berkitmek üçin esas boldy.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky üçin hasabat ýylynda amala aşyran möhüm işleriniň biri 2009-njy ýylyň 2-3-nji iýun aýy aralygynda Aşgabat şäherinde Yslam ösüş bankynyň (YÖB) Dolandyryjylar Geňeşiniň 34-nji Ýyllyk duşuşygyny geçirilmegi boldy.

Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan şunuň ýaly ähmiýetli çäräni gurnamaklygy we geçirmekligi Yslam ösüş bankynyň Türkmenistan tarapyndan dolandyryjy edarasy hökmünde biziň bankymyza tabşyryldy. YÖB-nyň 34-nji ýyllyk duşuşygyna YÖB-nyň 55 agza ýurtlaryndan maliýe we ykdysadyýet ministrleri, şeýle hem sebitara hem-de halkara maliýe guramalaryndan, yslam banklaryndan, ösüş boýunça milli maliýe guramalaryndan 670-e golaý wekiller we Yslam Konferensiýasy Guramasynyň agza ýurtlaryndan maslahatçylar we potratçylar gatnaşdylar.

YÖB-nyň Dolandyryjylar Geňeşiniň 34-nji ýyllyk duşuşygynyň jemleri boýunça Türkmenistan bilen YÖB-nyň arasynda birnäçe ylalaşyklara gol çekildi, şolaryň arasynda "Türkmen deňizderýaýollary" müdirliginiň deňizde 7 ton ýük göterijilikli 2 sany nebit tankerini satyn almaklygy maliýeleşdirmek boýunça ylalaşygy, energiýanyň alternatiw çeşmelerini peýdalanmak pudagy boýunça Tehniki Ykdysady Esaslandyrmany işläp taýýarlamagy maliýeleşdirmek üçin tehniki kömegi (granty) bermek boýunça ylalaşygy, Türkmenistanyň Demirýol ministrligi bilen YÖB-nyň arasynda Bereket-Etrek-Gürgen demirýolunyň gurluşygyny maliýeleşdirmek boýunça özara düşünişmek baradaky ylalaşygy degişlidir.

2009-njy ýylda Bank, Hazar deňziniň kenarynda "Awaza" Milli syýahatçylyk zolagy döretmek baradaky döwlet maksatnamasyna gatnaşmak bilen, Awazada Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň "Awaza" şahamçasy açdy. Awazada bankyň şahamçasynyň açylmagy Bankyň kabul eden ösüş strategiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň bar bolmagyny geografiki taýdan giňeltmek boýunça ädilen ädimleriň biri boldy. Şahamça korporatiw we bölekleýin müşderilere hyzmat edýär, şeýle hem "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda iş alyp barýan maýa goýum kompaniýalara ýardam berýär.

Geçen ýylda Bankyň alyp barýan işiniň aýratyn bir ugry bolup Türkmenistanyň Hökümetiniň ýurdymyzda halkyň durmuş şertlerini gowulandyrmak syýasatyny goldamak işi boldy. "Türkmenistanyň ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnmasynda goýlan wezipeleri durmuşa geçirmek maksady bilen, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň paýtagty bolan Aşgabat şäheriniň durkuny binagärlik-şäher gurluşyk işini gelejekde hem ösdürmek üçin, Bank ýokary üpjünçilikli we gowy meýilnamalaşdyrylan bäş sany ýaşaýyş jaýynyň hem-de çagalar bagynyň gurluşygy boýunça müşderi bolup çykyş etdi. Hasabat döwründe Bank iki sany ýokary üpjünçilikli jaýlary we çagalar bagyny peýdalanmaga tabşyrdy.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň öňünde 2010-njy ýylda hem derwaýys wezipeler durýar. Öňki ýyllarda bolşy ýaly, bankyň ileri tutýan wezipeleri, Türkmenistanyň hökümetiniň wekiliniň wezipelerini netijeli ýerine ýetirmekligi üpjün eder. Bankyň ýene bir ileri tutýan ugry – milli ykdysadyýeti mundan beýläk berkitmeklige gönükdirilen maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmaklyga işjeň gatnaşmakdan ybarat. Şeýle-de, özara bähbitli hyzmatdaş müşderiler bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklary berkitmeklige, bölekleýin hyzmatlaryň toplumyny ösdürmeklige üns beriler. Usulýet binýatlaryny kämilleşdirmeklige, edara dolandyryş ulgamyny ösdürmeklige üns güýçlendiriler.



Bankyň öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa ornaşdyrmagyň girewi biziň hyzmatdaşlarymyz, müşderilerimiz bilen özara bähbitli uzak möhletleýin hyzmatdaşlykdan ybarat. Size, ynamyňyz we goldawyňyz üçin çuňňur minnetdarlygymyzy bildirýäris. Bankyň işgärlerine borçlaryny yhlasly ýerine ýetirendikleri üçin minnetdarlyk bildirýäris. Biziň bilelikdäki tagallalarymyz, Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanyň mundan beýläk hem gülläp ösmegine we türkmen halkynyň Beýik Galkynyş eýýamynda dünýä bazarlaryndaky ornunyň berkemegine kömek eder.

Sizi hormatlamak bilen,

**Müdiriýetiň Başlygy** **R.J.Jepbarow**

## Makroykdysadyýet we bank ulgamy

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň geçirýän we onuň ýolbaşçylyk edýän hökümetiniň durmuş-ykdysady özgerdişler babatdaky syýasaty Türkmenistany ýokary depginde ösýän, durmuş-ykdysady ösüşiniň görkezijileri boýunça ýokary dünýä derejesine eýe bolan, ilatyň ýokary ýaşaýyş şertlerini üpjün edýän güýçli döwlete öwürmeklige gönükdirilen. Alnyp barylýan syýasat netijesinde Türkmenistanda durmuşy-ykdysady ösüşiň ýokary depginleri saklanyp galýar we geçen ýylda emele gelen maliýe-ykdysady çökgünliginiň negatiw täsirinden saklanyldy.

Dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň ulgamyna ýurduň integrasiýasynyň güýçlenmegi, ýurtda işjeň gatnaşyklaryň artmagy, içki islegleriň, şeýle hem türkmeniň esasy eksport harytlary üçin, dünýä bazarlarynyň amatly şertleriniň günsaýyn giňelmegi Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşine kömek etdi. “Türkmenmillihasabat” döwlet hasabat gullugynyň maglumatlary boýunça 2009-njy ýylda Türkmenistanyň JIÖ-i 46,37 mlrd. manatdan ybarat boldy, 2008-nji ýyla garanyňda, ösüş 106,1 % artdy. Şeýlelikde, senagat önümçiliginiň ösüşi 133,57 %, oba hojalygy - 108,5 %, gurluşyk -131,3 %, ulag we aragatnaşyk - 105,2 %, söwda - 120,6 %, hyzmatlar - 111,2 % ybarat boldy.

Daşarky söwda dolanyşygy 18 315,3 mln. ABŞ dollaryndan ybarat bolup 2008-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 3,8 % artdy. Eksport 9322,9 mln. ABŞ dollaryndan ybarat boldy, Türkmenistanyň import harytlary we hyzmatlary 8992,4 mln. ABŞ dollaryna ýetmek bilen, ýylyň jemi boýunça söwda deňleşmesiniň aktiw saldosy 330,50 mln. ABŞ dollaryndan ybatar boldy.

2009-njy ýylyň netijeleri boýunça ýurduň önümçilik we durmuş-medeni gurluşyny ösdürmeklige gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberi 24943,8 mln. manatdan ybarat boldy, 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 160,75 % ýokarlandy. Şeýlelikde, esasy çeşmeler: kärhanalaryň hususy serişdelerinden, gönümel daşary ýurt maýa goýumlaryndan, merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň serişdelerinden, ilatyň serişdelerinden ybarat boldy.

Türkmenistanyň 2009-njy ýyl üçin döwlet býujeti profisit bilen ýerine ýetirildi. Şeýlelikde, döwlet býujetiniň girdejileri boýunça bellenilen wezipeler 102,3 % ýerine ýetirildi, çykdajylar boýunça bolsa ep-esli profisit emele gelmek bilen, öz gezeginde 2010-njy ýyl üçin meýilleşdirilen döwlet býujetiniň defisitini artdyrmaga mümkinçilik döretdi.

2009-njy ýylyň häsiýetli aýratynlygy alyjylaryň işjeňligini artdyrmakdan ybarat boldy. Muňa Türkmenistanyň bölek haryt dolanyşygynyň 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 115,9 % ösmegi hem şaýatlyk edýär. Ilatyň alyjylyk isleginiň artmagy, ýokary üpjünçilikli we gowy meýilnamalaşdyrylan köp gatly ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygynyň işjeňleşmegi sarp edijilik we ipoteka karzlaryna islegleri ýokarlandyrdy.

Geçen ýyl Türkmenistanyň kanunçylygyna düýpli üýtgetmeler girizilendigi bilen häsiýetlenýär, onuň maksady, milli ykdysadyýeti mundan beýläk ösdürmäge, ilkinji nobatda-da onuň hususy sektoryny ösdürmekligi höweslendirmekden ybarat bolup durýar. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwar aýyndan milli manadyň 1:5000 derejesinde çalyşmak bilen denominasiýa başlanypdy, salgyt reformalarynyň amala aşyrylmagyny dowam etdirildi, onuň çäklerinde bolsa Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” bitewi kanunyna düýpli üýtgetmeler girizildi. Salgytlaryň gurluşyny tertibe salmak, salgytlaryň göterimlerini azaltmak we salgytlaryň sanyny kemeltmek salgyt kynçylyklaryny hakyky manysynda ýeňilleşdirmeklige getirdi, işewürligiň, esasan hem ykdysadyýetiň hususy sektorynyň ösmegine oňyn täsirini ýetirdi.

Amatly ykdysady ýagdaýlar tutuş türkmen bank ulgamynyň görkezilen 11 täjirçilik banklarynyň, 128 şahamçasynyň ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijilere oňyn täsirini ýetirdi.

2009-njy ýylyň netijeleri boýunça täjirçilik banklarynyň jemi aktiwleri 11 184 560,04 müň manatdan ybarat boldy. Aktiwleriň esasy bölegi, kärhanalara, guramalara we ilata berilen karzlardan ybarat, olaryň udel agramy 79,78 % ybarat boldy. Milli gyzyl pulda berlen karzlar, 6580,57 mln manatdan ybarat boldy we 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 145,14 % ýokarlandy. Şeýlelikde, döwlete degişli bolmadyk ykdysady bölekdäki milli gyzyl puldan karz bermeklik 872,10 mln. manatdan ybarat bolup, geçen ýyl bilen deňeşdirilende 173,45 % artdy, bu bolsa Türkmenistanda kiçi we orta işewürligi ösdürmeklige gönükdirilen bank ulgamynyň işjeňleşdirilendigine şaýatlyk edýär.

Kärhanalaryň, edaralaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we depozit hasaplarynyň serişdeleri, 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 162,28 % artdy. Şunlukda, ilatyň milli gyzyl puldaky goýumlary ýokary depginde ösüp, 132,45 % ýokarlandy we 114,7 mln. manatdan ybarat boldy.

Bank ulgamynyň kadaly işlemegini, karz berijileriň we goýumçylaryň bähbitlerini goramaklygy üpjün etmek maksady bilen bankyň hususy maýalaryny artdyrmak boýunça işler dowam etdirildi. 2009-njy ýylyň netijeleri boýunça bankyň hususy serişdeleri 529 994,5 müň. manatdan ybarat bolup, 92,73 % ýokarlandy.

Aktiwleriň dinamikasy




Karz bukjanyň dinamikasy




## Ýylyň netijeleri

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky özüniň kadaly ösüşini we ornunyň berkligini üpjün etmek, şeýle hem milli ykdysadyýetiň ösüşine ähli taraplaýyn goldaw bermek maksady bilen maliýe netijelerini ýokary derejede saklamaga we hususy maýasynyň derejesini ýokarlandyrmaga ýykgyn edýär.

Hasabat ýylynda bankyň balans girdejisi milli hasapçylyk hasabyň ülňüleri boýunça 21,5 mln. manatdan ybarat bolup, meýilleşdirilen görkezijileriň derejesinden 16 % ýokarlandy.

Bankyň hususy serişdeleriniň jemi derejesi ýylyň dowamynda 3 % artdy, 287,8 mlrd. manada ýetdi. Hususy serişdeleriniň düşewintligi 8 % ybarat boldy.

Bankyň aktiwleri ýylyň netijeleri boýunça 2 792 mln. manat, ykdysadyýetiň maliýe däl bölegini karzlaşdyrmagyň möçberi 1 596 mln. manatdan ybarat boldy.

2009-njy ýylyň esasy maliýe netijeleri, bankyň hususy maýalarynyň, aktiwleriniň möçberleri, ykdysadyýetdäki maýa goýumlaryň göwrümleri, özara bähbitli hyzmatdaşlara we bölekleýin derejede berilýän hyzmatlarynyň möçberi, pullar we gyzyl pul bazarlarynda amala aşyrylýan amallaryňsany we göwrümi boýunça bank ulgamynda öňküsi ýaly öňdebaryjy orny

şaýatlyk edýär. Bu hakykat, dünýäde belli bolan "The Banker" žurnalynyň 2001-nji ýyldan 2009-njy ýyl aralgynda 8 gezek Banka "Türkmenistanda ýylyň iň gowy banky" diýen derejesi bilen tassyk edilýär. Ýetilen netijeler Bankyň saýlap alan ösüş ýolunyň dogrudygy, Bankyň ähli işgärleriniň ussatlygy, jogapkärliligi, işjeňligi baradaky obýektiw subutnama bolup durýar.
Bankyň işiniň çäkleri, onuň köp ugurly maliýe guramasy hökmünde ösüşleri, gazanan maliýe görkezijileri Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň milli bank ulgamynda ulgamy esasy ýola goýujylaryň biri bolup durýandygyny ýene bir gezek tassyklaýar.

## Türkmenistanyň Hökümetiniň wekiliniň wezipelerini ýerine ýetirýän işleri we bankyň karz syýasaty

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň döredilen gününden bäri işiniň esasy ugry halkara maliýe bazarynda Türkmenistanyň Hökümetiniň wekiliniň wezipelerini ýerine ýetirmekden ybarat. Şunuň ýaly ugurlary kämilleşdirmek bilen oba hojalygyň dürli pudagynyň taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin orta we uzak möhleli daşary ýurt karzlaryny çekýär. Şonuň bilen birlikde, Bank, milli ykdysadyýetiň çalt ösmegine we diwersifisirlenmegine ýardam berýär. Bank 17 ýylyň dowamyndaky işleriniň barşynda, halkara ösüş banklary, eksport-import we ätiýaçlandyryş gulluklary, öňdebaryjy daşary ýurt banklary bilen uzak möhletli hyzmatdaşlyga ýykgyn edip, 2,2 mlrd. ABŞ dollaryndan ýokary mukdarda maýa serişdeleriniň çekmekligini amala aşyrdy.

2009-njy ýylda ýokary ylmy-tehnologiki enjamlaryň we innowasiýalaryň üsti bilen Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny ösdürmeklige we diwersifisirlenmegine gönükdirilen Türkmenistanyň Prezidentiniň maýa goýum maksatnamasyny durmuşa geçirilişine ýardam bermek üçin Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky hökümetiň wekiliniň wezipelerini ýerine ýetiriji hökmünde daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen birnäçe wajyp taslamalaryň maliýeleşdirilmegi boýunça işleriň gurnalmagy netijesinde öz işini ep-esli işjeňleşdiridi. Türkmenistanyň hökümetiniň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda hökümetara şertnamalara gol çekilmegi netijesinde hytaýyň banklary bilen biziň bankymyzyň hyzmatdaşlygy ýokarlandy. Bankyň täze maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmeklige degişli birnäçe täze şertnamalara gol çekişmegi hem onuň kanunalaýyk netijesidir, olaryň içinde:

- Hytaýyň Eksport-Import Banky bilen umumy bahasy 450 mln. hytaý ýuaninden ybarat bolan Türkmenistany aragatnaşyk ulgamyny kämilleşdirmek (3 faza) taslamasy boýunça Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi üçin karz ylalaşygy;
- Hytaýyň Eksport-Import Banky bilen umumy bahasy 400 mln. hytaý ýuaninden ybarat bolan nebit-gaz enjamyny üpjün etmek taslamasy boýunça Türkmenistanyň "Türkmennebit" döwlet konserni üçin karz ylalaşygy;
- Hytaýyň Eksport-Import Banky bilen umumy bahasy 328,45 mln. hytaý ýuaninden ybarat bolan 113 orunly ýolagçy wagonlar (2 faza) bilen üpjün etmek taslamasy boýunça Türkmenistanyň Demirýol ulaglary ministrligi üçin karz ylalaşygy.






- Geçen ýyl Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky Türkmenistanyň Hökümetiniň wekili hökmünde we tabşyrygyna laýyklykda Ýaponiýanyň Halkara Hyzmatdaşlyk Banky we Ýaponiýanyň birnäçe täjirçilik banklary bilen hyzmatdaşlyk etmek arkaly "Maryazot" önümçilik birleşigi üçin "Inžiniring we enjamlar bilen üpjün etmek " taslamasyny maliýeleşdirmeklikde meseläni üstünlikli çözdi. Ýaponiýanyň Halkara Hyzmatdaşlyk Banky bilen bahasy 45 mlrd. ýapon iýeninden gowrak karz ylalaşygyna gol çegilmegi 2010-njy ýylyň 1-nji kwartalyna meýilleşdirildi. Şeýle hem, 2009-njy ýylda Yslam ösüş bankynyň Türkmenistan tarapyndan dolandyryjysynyň edarasy hökmünde Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky tarapyndan şu aşakdaky wajyp taslamalaryň maliýeleşdirilmegi üstünlikli gurnaldy:
- Agramy bilen her haýsy ýedi müň tonna suwy gysyp çykarýan, derýa-deňiz klasly 2 sany nebit guýulýan tankerleriň satyn alynmagy. "Türkmende izderýaýollary" müdirligi we Yslam ösüş bankynyň arasyndaky bahasy ABŞ-nyň 31 mln. dollaryndan ybarat bolan degişli maliýe ylalaşyga 2009-njy ýylyň 2-4-nji iýuny aralygynda Aşgabat şäherinde geçirilen Yslam ösüş bankynyň Dolandyryjylar Geňeşiniň ýyllyk duşuşygynyň çäginde gol çekildi;
- Gazagystan-Türkmenistan-Eýrany birikdirýän "Demirgazyk-Günorta" transmilli demirýol magistralynyň düzüm bölegi bolup durýan uzynlygy 271 km. ybarat bolan Bereket-Etrek-Eýranyň serhedi demirýolunyň gurluşygy. Türkmenistanyň Demirýol ulaglary ministrligi bilen Yslam ösüş bankynyň arasyndaky bahasy ABŞ-nyň 371 mln. dollardan ybarat bolan degişli maliýe ylalaşygyna gol çekişlik 2010-njy ýylyň 5-nji ýanwarynda Aşgabatda şäherinde geçirmek meýilleşdirildi;

Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Gün Instituty tarapyndan garagumyň çägesinden kremniýany almak boýunça tehniki Ykdysady Esaslandyrmany işläp taýýarlamak. Grant bermek baradaky Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň we Yslam ösüş bankynyň arasyndaky bahasy ABŞ-nyň 297 müň dollaryndan ybarat bolan degişli ylalaşyga 2009-njy ýylyň 2-4-nji iýuny aralygynda Aşgabatda geçirilen Yslam ösüş bankynyň Dolandyryjylar Geňeşiniň ýyllyk duşuşygynyň çäginde gol çekildi.

Geçen ýylda Bankyň işjeň gatnaşmagy esasynda "Türmengaz" döwlet konserni bilen Hytaý ösüş bankynyň arasynda dünýä boýunça uly göwrümli bolan "Günorta Ýolöten" tebigy gazyň ýatagyny abadanlaşdyrmak we özleşdirmek boýunça umumy bahasy 4 mlrd. ABŞ-nyň dollaryndan ybarat bolan taslamany maliýeleşdirmek üçin karz ylalaşygy işlenip taýýarlanyldy we gol çekildi.

Daşarky çekilýän pullar boýunça öz wagtynda hyzmatlar babatynda öz üstüne alan borçlaryny ýerine ýetirmek bilen, Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky tarapyndan tarapyndan 2009-njy ýylda daşary ýurtly karz berijileriň haýryna 149 mln. ABŞ dollarynda tölegleri geçirildi.



2009-njy ýylyň netijeleri boýunça Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky tarapyndan diňe daşary ýurt karzlaryň hasabyna milli ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň ösüşine 39,25 mln. ABŞ-ny dollary gönükdirildi.

2009-njy ýylda baglaşylan ylalaşyklaryň netijesinde, Türkmenistanyň maýa goýum maksatnamasynyň ösüşini durmuşa geçirmek üçin Bank öz gezeginde öz goşandyny goşmak bilen, 2010-njy ýylda maliýeleşdirmeginiň möçberini ulaldar.

Hökümetiň wekiliniň wezipesini ýerine ýetiriji hökmünde geçen ýylda geçirilen işleriň netijesinde Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň balansynda hasaba alnan daşary ýurt karzlarynyň jemi 492,42 mln. ABŞ dollaryndan ybarat boldy we ýurtlar hem-de walýutalaryň görnüşleri boýunça bölünende şu görnüşden ybarat:

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň karz syýasaty gulluk edarasy wezipesini ýerine ýetirmek bilen aýrylmaz baglanyşykly we Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň " Türkmenistany syýasy, ykdysady, medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry" Milli Maksatnamasyna laýyklykda guralýar.

Bankyň karz syýasatynyň ňesasy ugurlary 2009-nji ýylda şulardan ybarat boldy.

**Daşary ýurtdan çekilen serişdeleriň düzümi**




**Walýytalaryň görnüşleri boýunça çekilen serişdeleriň düzümi**




Bankyň döwlet maýa goýumlar taslamalaryny we maksatnamalaryny amala aşyrmaga gatnaşmagy;

- Emele getirilen karz bukjasynyň hilini ýokarlandyrmak;

Köp ugurly maliýe instituty hökmünde ösüşe ýykgyn etmek bilen, bank şular ýaly ugurlary ösdürmeklige aýratyn üns berdi:

- kiçi we orta işewürligi ösdürmeklige kömek bermek;
- sarp ediş karzlar bilen üpjün etmek.

Bank karz syýasatynyň amala aşyrmagyň netijesinde ýylyň netijeleri boýunça 1 596 mlrd. manada deň bolan karz bukjasyna eýe bolýar. Bank 2009-njy ýylda milli manatdaky karz bukjasyny işjeň artyrdy, möçberini ýyllyk 3.7 gezek artyrdy. Milli manatdaky karzlar Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligine, Sport we syýahatçylyk baradaky Döwlet komitetine, rezident banklara we beýlekilere karzlar berildi. Sarp ediş karzlar bazarlaryny öwrenmek we amatly esaslarda olary bermek boýunça işler dowam etdirilýär.

Bankyň işjeň işeniň netijesinde karz bukjasyndaky möhleti geçirilen bergileriň udel agramy ýylyň ahyrynda 0,04 % göterimden ybarat boldy.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň karz bukjasynyň pudak gurluşynyň 2009-njy ýylyň netijeleri boýunça şu görnüşlere eýe boldy.

**Karz bukjanyň pudaklaýyn düzümi**



## Iri müşderilere hyzmat etmek

Iri müşderiler bilen işlerinde Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky bar bolan ähli bank önümlerini teklip etmek we olara toplumlaýyn hyzmatlary amala aşyrmak bilen uzak möhletli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmaga çalyşýar. Bankyň ileri tutýan ugurlary milli ykdysadyýetiň esasy pudaklaryndaky döwlet kärhanalaryna, hususy bölümdäki ösüp barýan kärhanalara, daşary ykdysady gatnaşyklara işjeň gatnaşýan daşary ýurt kompaniýalara degişli edilýär.

2009-njy ýylyň ahyry ýagdaýyna boýunça bankyň hyzmatynda 1056 edara görnüşli taraplar, şol sanda 154 döwlet kärhanalary, 735 döwlete degişli däl kärhanalar we 167 rezident däller. Görkezilen müşderileriň hasaplary boýunça galyndy ýylyň başynda 610 949 müň manata, şol sanda daşary ýurt walýutasynda 139 646 müň ABŞ dollara we ýyllyk 33% artdy.

2009-nji ýylyň dowamynda bank iri müşderilerine önümçilik we söwda taslamalaryny amala aşyrmaklyga, ýokary tehnologiki enjamlary we çig mallary satyn almaklyga, önümçilige hyzmat edýän hojalyk pudaklarynyň toplumyny giňeltmeklige, dolanyşyk serişdeleriniň üstüni doldurmaklyga karzlary berdi. Taslamalaryň amala aşyrylýan möhletine baglylykda karzlar uzak we gysga möhletli häsiýetlere eýe bolup durýar. Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet banky karzlary bermekden başga-da hasaplaşyk–pulhana hyzmatlarynyň toplumyny amala aşyrdy, zähmet haky taslamalaryny durmuşa geçirdi, Türkmenistanyň bankara walýuta biržasynyň söwdalaryna bankyň üsti bilen gatnaşmagyny ýola goýup, pul çalyşyk amallarynyň doly toplumyny teklip etdi.

Öz döredilen wagtyndan bäri halkara bazarlaryna işjeň gatnaşyjy bolmak we 30 gowrak ýurdyň banklary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny saklamak bilen, bank tarapyndan öz müşderileriniň daşary söwda şertnamalary boýunça halkara hasaplaşyklaryny amala aşyrmak gurşawynda ajaýyp tejribe toplandy. Halkara hasaplaşyklar amala aşyrylanda, bankyň teklip edýän resminamalar amallary özara bähbitli hyzmatdaş müşderilere şulardan peýdalanmaklyga mümkinçilik berýär:

- tölege ukypsyzlyk töwekgelçiligini azaltmaga we eksport düşewüntlerinden alynýan girdejiniň möhletini gysgaltmaga;
- harytlaryň iberilmezligi bilen baglanyşykly töwekgelçiligi pese düşürmäge;
- hakujy tölegiň paýyny gysgaltmaga;
- daşarky söwda geleşikleri boýunça harajatlary peseltmäge;
- dünýä haryt bazarlaryna çykmagyň mümkinçiliklerini giňeltmäge.

Geçen ýylyň netijeleri boýunça resminamalaýyn amallar boýunça halkara hasaplaşyklaryň möçberi 355,2 mln. ABŞ dollaryndan ybarat boldy. Mundan başga-da, bank nebit gaz toplumyndaky, ulag we aragatnaşykdaky, saglygy goraýyşdaky kärhanalaryŇ we beýleki müşderileriň haýryna daşary ýurt banklaryndan gelip gowuşýan köp sanly kepillendirmeler boýunça işleri geçirdi. Bu amallaryň möçberi 23,6 mln. ABŞ dollaryna barabar boldy.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň iri müşderiler bilen hyzmatdaşlygy olaryň tabşyrygy boýunça amallary ýerine ýetirmek, karzlary bermek, kepillendirmeler arkaly işlemek bilen çäklenmeýär. Bank öz müşderileriniň işewürliginiň ösüşine ähli taraplaýyn kömek berýär.

Bank müşderilerine hünär bilen baglanyşykly maslahat hyzmatlaryny berýär. Bank müşderileriniň haýyşy boýunça şertnamalar boýunça hasaplaşyklary geçirmegiň amatly usullaryny, müşderileriň borçlary boýunça üpjünçiligiň görnüşlerini we mäliýeleşdirmegiň çarçuwalaryny işläp düzmek maksady bilen olaryň hyzmatdaşlary bilen gepleşikleri geçirýär ýa-da gepleşiklere bilelikde gatnaşýar.

**Girdejileriň düzümi**




## Hususy müşderilere hyzmat etmek

Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet banky 2009-njy ýylda hususy müşderilere bölekleýin hyzmatlary bermek ugrunda işlerini dowam etdirdi. Bu derejedäki müşderilere hyzmat etmekde bankyň tapawutly aýratynlyklary: häzirki zaman habar beriş tehnologiýalarynyň we tölegleri amala aşyrmagyň serişdelerini, çeýe baha we göterim syýasatyny, hyzmatlaryň ýokary medeniýetini, bankyň ygtybarlylygyny peýdalanmakdan ybaratdyr.
Hasabat döwründe bank öz müşderilerine bankyň önümleriniň we hyzmatlarynyň bölekleýin giň toplumyny hödürledi:

- hasaplaşyk-pulhana hyzmatlary;
- geçirmeleriň we tölegleri dürli görnüşlerini;
- çalyşyk amallaryny;
- goýumlar boýunça amallary, möhletli depozitleri;
- sarp ediş maksatlaryna karzlary;
- halkara VISA kartlaryny çykarmaklygy we hyzmat etmekligi;
- hususy MILLIKART, ALTYN we KÜMÜŞ KART kartlaryny çykarmaklygy we hyzmat etmekligi;
- ýol çekleriniň inkasso kabul edilişini;
- gymmat bahaly metallardan pul birliklerini satmaklygy;
- pul kagyzlary bilen amallary (könelen pul kagyzlaryny çalyşmak, pul birliklerini bölüp bermek).

2009-njy ýylyň jemleriniň ýagdaýy boýunça, hususy müşderileriň açan daşary walýutasyndaky hasaplaryň mukdary 26.328 hasapdan ybarat bolup, ýylyň dowamynda 3179 hasap köpeldi. Bu hasaplaryň galandysy häzirki wagtda 28 532 müň manatdan ybarat, şol sanda daşary ýurt pulunda 6 942 müň ABŞ dollaryndan ybarat. Milli walýutada hususy müşderileriň açan hasaplarynyň mukdary 12.290 hasapdan ybarat bolup, ýyllyk 10% artdy.




Hususy müşderilere edilýän hyzmatlary ösdürmegiň ähmiýetli görnüşleriniň biri hem plastik kartlar bilen edilýän amallar bolup durýar. Bank VISA töleg ulgamynyň doly hukukly agzasy bolmak bilen, VISA Business, VISA Classic we VISA elektron plastik kartlarynyň, hususy karty “MILLIKART” goýberilişini we hyzmat edilişini üstünlikli amala aşyrýar. Şeýle hem bank 2008-nji ýylyň ahyrynda, MasterCard Worldwide halkara töleg ulgamyna agzalygyna täzelemek bilen, 2009-njy ýylyň dowamynda bu ulgamyň plastik kartlary boýunça emissiýa ulgamyny girizmek we hyzmat etmek boýunça işleri geçirdi.

2009-njy ýylda kartlar ulanmak bilen hyzmatlary ýerine ýetirilende Bank müşderleriniň bankomat arkaly öz nagt pullaryna gije-gündiziň dowamynda peýdalanma mümkinçiligini

döretdi, plastik kartlar ulanmak bilen nagt däl hasaplaşyklary geçirýär, kart hasabynyň ýagdaýy barada maglumat berýär, kart hasabyndaky galyndy boýunça aýlyk göterim girdejilerini alýar.

2009-njy ýylyň ahyry ýagdaýyna Bank tarapyndan hyzmat edilýän kartlaryň möçberi 6686 kartdan ybarat bolup, 2008-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 11% ýokarlandy, şol sanda VISA kartlary ulanyjylaryň sany 4140 adamdan we MİLLİKART ulanyjylary 2546 adamdan ybarat boldy.

Bankyň özboluşly häsiýetine baglylykda hususy müşderileriň hasaplaryndaky pul serişdeleri onuň esasy gor binýady hökmünde hasaplanmaýar. Şonuň ýaly-da, bankyň amala aşyrýan daşarky şertleriniň üýtgäp durmagy, bölekleýin işewürligi işjeň ösdürmekligi we Türkmenistanyň bank hyzmatlary bazaryndaky bu ugurda öňdebaryjylyk orny gazanmaklyga ýykgyn etmekligi talap edýär.

**Çykdajylaryň düzümi**




## Maliýe bazarlaryndaky amallar

Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet banky 2009-njy ýylyň dowamynda ýurduň içinde, şeýle hem halkara çäginde walýuta we pul bazarynda amallary işjeň durmuşa geçirdi.
Bank döredilen gününden bäri Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasynyň agzasy bolmak bilen, öz müşderileriniň tabşyrygy boýunça daşary ýurt walýutasynda alnan karzlary we daşarky söwda şertnamalary boýunça hasaplaşyklary geçirmek üçin daşary ýurt walýutasyny hemişe satyn alyjy hökmünde çykyş edýär. Ýylyň dowamynda geçirilen işleriň netijeleri boýunça içerki walýuta bazarlarynda bankyň satyn alan daşary ýurt walýutasynyň möçberi 96,80 mln. ABŞ dollaryndan ybarat bolup, 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 88% ýokarlandy.

Bank halkara walýuta bazarynda geleşikleri baglaşanda bazar şertleriniň islendik üýtgeşmelerinden dessin kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýän Reuters – Dealing – 3000 habarlar – söwda ulgamyndan peýdalanýar. Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet bankynda daşary ýurtly kontragentleriň bellän limitleri öz adyndan we iri müşderileriniň tabşyrygy boýunça çykyş edip, halkara walýuta bazarynda doly hukukly agza hökmünde gatnaşmaklyga mümkinçilik berýär.

Ýylyň netijeleri boýunça müşderileriň tabşyrygy, şeýle-de öz hasabyna halkara walýuta bazarynda konwersion amallaryň göwrümi 243 mln. ABŞ dollaryndan ybarat bolup, 2008-njy ýyl bilen deňeşdirilende takmynan 80 mln. ABŞ dollary kemeldi. Şeýle-de hem bolsa, foreks amallar boýunça sap girdeji 456 müň ABŞ dollaryndan ybarat bolup, geçen ýyl bilen deňeşdireniňde 67 % ösüş görkezdi. Esasy amallar ýewro, ABŞ dollary, britan funty we ýapon ýenasy ýaly walýutalarda geçirildi.

2009-njy ýylda Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky halkara pul bazarynda daşary ýurt walýuta serişdelerini ýerleşdirmek boýunça amallary işjeň geçirdi. Bu amallaryň maksady, daşary ýurt gyzyl pulunda çykdajylygy aradan aýyrmaklygy dolandyrmakdan we bankyň " Nostro" habarçy hasaplaryndaky galan serişdeler boýunça alynýan girdejiler bilen deňeşdirilende has ýokary girdeji almakdan ybarat boldy. Erkin walýuta aktiwlerini dolandyrmak bilen, Bank öz serişdelerini gysga möhletleýin depozit hökmünde iri daşary ýurt banklarynda ýerleşdirdi. 01.01.01 ý. ýagdaýyna ýerleşdirilen depozitler 128 mln. ABŞ dollaryny düzdi, girdeji 696,4 müň ABŞ dollaryndan ybarat boldy.

Nagt daşary ýurt walýutasyna bolan içerki islegi kanagatlandyrmak bilen, täjirçilik banklaryň arasynda Bank içerki bazarda daşary ýurt banknotalaryny iri üpjün ediji bolmagyny dowam etdi. Geçen ýylyň netijeleri boýunça Bank tarapyndan halkara bazardan 14 192 mln. ABŞ dollary, 8 200 mln. ýewro, 260 müň britan funt sterlingi we 400 müň hytaý ýuany möçberinde nagt daşary ýurt walýutalary satyn alyndy.

**Aktiwleriň düzümi**




**Passiwleriň düzümi**




## Maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk

Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet bankynyň habarçy hasaby ulgamy öňkisi ýaly türkmen banklarynyň arasynda örän köpugurly bolmagynda galýar, bu bolsa banka, müşderileriň töleg ugurlary üçin az harajatlary peýdalanyp, örän gysga möhletde tölegleri geçirmäge mümkinçilik berýär. 2009-njy ýylyň ahyryna bankyň daşary ýurt banklarynda 13 nostro hasaplary bar. Bu hasaplar boýunça galyndylar 55,24 mln. ABŞ dollaryny möçberinde düzdi we ýylda 3,1 gezek artdy, bu hasaplar boýunça ýyllyk dolanşyk 12 124 mln. ABŞ dollaryny düzdi.

2005-nji ýylda hasaplaryň iş tertibini gowulandyrmak we bankyň habarçy hasabynyň üsti bilen GDA, Ýewropa, Demirgazyk Amerika, Aziýa banklaryna hasaplary geçirmekde çykdajylary azaltmak boýunça işler dowam etdirildi. Habarçy – banklar bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň berkidilmegi, kada laýyklykda, ýurtdaky iri maliýe instituty hökmünde, banka konwersiýalaýyn hem-de söwda amallaryny geçirmek üçin, sap limitleri we karz ýollaryny almaga mümkinçilik berýär. Hyzmatlar ugruny giňeltmek boýunça maksadalaýyk işler ýerli banklaryň Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynda açan daşary ýurt walýutadaky “Loro” hasaplarynyň mukdaryny artdyrmaga kömek etdi. 2009-njy ýylyň netijeleri boýunça 12 sany täjirçilik banklar daşary ýurt walýutasynda habarçy hasabyny açmak we alyp barmak boýunça şertnama gol çekdi, bu bankyň maýa binýadyny berkitmäge kömek edýär. Bu hasaplar boýunça ýyllyk dolanyşyk 422,42 mln. ABŞ dollaryndan ybarat boldy.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň maliýe edaralary bilen hyzmatdaşlyk gurşawynda derwaýys iş ugry, milli eksport-import we ätiýaçlandyryş gulluklary, halkara banklar we ösüş gaznalary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmekden ybarat. Hytaýyň, Çehiýanyň, Türkiýanyň, Malaýziýanyň Eksimbanklary, Ýapon halkara hyzmatdaşlyk banky, Germes, Kofas, OND ätiýaçlandyryş gulluyklary bilen uzak möhletli gatnaşyklar ýola goýuldy. Halkara banklarynyň we ösüş gaznalarynyň arasynda Ýewropanyň Ösüş we Özgerdiş Banky, Yslam Ösüş Banky, OPEK gaznasy, Abu-Dabi ösüş gaznasy, Saud ösüş gaznasy ýaly maliýe institutlaryna aýratyn üns berilýär.

2009-njy ýyl Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň Yslam ösüş banky bilen gatnaşyklarynyň ösmeginde örän ähmiýetli ýyllaryň biri boldy. 2009-njy ýylda Bank tarapyndan Yslam ösüş bankynyň Türkmenistan tarapyndan Dolandyryjysynyň edarsy hökmünde Türkmenistanyň hökümetiniň hemaýat etmeginde 2009-njy ýylyň 2-3-nji iýuny aralygynda Yslam ösüş bankynyň 34-nji ýyllyk duşuşygy geçirildi. Bu duşuşykda YÖB-y toparynyň geçen hasabat ýylynyň işiniň netijeleri ara alnyp maslahatlaşyldy, şeýle-de yslam döwletleriniň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy meseleleri maslahatlaşyldy.

Bu ýyllyk duşuşyga YÖB-nyň 55 agza ýurtlaryndan maliýe, ykdysady we meýilleşdiriş ministrleri, şeýle hem takmynan 670 sany sebitleýin we halkara maliýe institutlarynyň, yslam banklarynyň, milli ösüş maliýe institutlarynyň wekilleri hem-de Yslam Konferensiýa Guramasyna gatnaşyjy ýurtlardan potratçylar we geňeşçiler gatnaşdylar.

YÖB-nyň dolandyryjylar geňeşiniň 34-nji ýyllyk duşuşygynyň netijesinde Türkmenistan bilen YÖB-nyň arasynda birnäçe resminamalara gol çekildi. Resminamalara laýyklykda, „Türkmendeňizderýaýollary“ müdirligine nebit we nebit önümleri daşaýan, ýük göteriji 7 müň tonna bolan iki sany derýa-deňiz gämisiniň satyn alynmagy maliýeleşdirmek boýunça karz ylalaşygyna gol çekildi, şeýle hem alternatiw energiýa çeşmeleriniň ulanylýan pudagynda Tehniki ykdysady esaslandyrmasynyň işläp taýýarlanylmasyny maliýeleşdirmek boýunça karz ylalaşygyna gol çekildi. Mundan başga-da Türkmenistanyň Demirýol ulaglary ministrligi bilen YÖB-nyň arasynda Bereket-Etrek-Gürgen ugrundaky demir ýol gurluşygynyň maliýeleşdirilmesi baradaky özara düşünişmek Ähtnamasyna gol çekildi.

Şeýle hem 2009-njy ýylyň dekabr aýynda Aşgabatda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan Türkmenistanyň Hökümetiniň hemaýat etmeginde Yslam ösüş bankyny, Saud ösüş gaznasyny, arap ykdysady ösüşiň Kuweýt gaznasyny, OPEK halkara ösüş gaznasyny we Abu-Dabi ösüş gaznasyny birleşdirýän Utgaşdyryjy toparyň „ Tegelek stol“ duşuşygy geçirildi. „Tegelek stol“ duşuşygynda durmuş pudagyny, ulag infrastrukturasyny, senagat önümçiligini, aragatnaşygy ösdürmäge gönükdirilen, Türkmenistan üçin ileri tutulýan taslamalary durmuşa geçirmek babatda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak meseleleri ara alyp maslahatlaşyldy.

Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň ministrlikleri we dolandyryş edaralary Utgaşdyryjy topara maýa goýumly taslamalaryň birnäçesini hödürlediler, bu taslamalar sosial sferanyň kämilleşdirilmegine, transport-kommunikasion we senagat infrastrukturasynyň, telekommunikasiýalar sektorynyň döwrebaplaşdyrylmagyna, syýahatçylyk industriýasynyň, hususan-da, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň, şeýle hem ykdysadyýetiň hususy sektorynyň ösdürilmegine gönükldirilendir.

Utgaşdyryjy toparyň taslamalary maliýeleşdirmäge gyzyklanmasy baradaky 950 mln. ABŞ dollary möçberindäki gol çekilen Ýazgynyň daşary ýurtlaryň ykdysady toparlarynyň ykdysady taýdan uly potensiala eýe bolup durýan Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine içgin gyzyklanma bildirýändigini hem-de hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça amala aşyrylýan progressiw reformalara esaslanýan syýasatyň oňlanýandygyny görkezýän nobatdaky subutnama bolup durýar.



## Bankyň habarlar ulgamy

Häzirki wagtda Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet bankyna maksatnamalaýyn we enjamlaýyn serişdeleriň döwrebap gurallaryna esaslanýan öňdebaryjy tehnologiki çözgütler hödürlendi.

Maksatnamalaýyn üpjünçilik ugrunda awtomatlaşdyrylan bank ulgamy (ABU) işleýär, ol müşderi – hyzmatlar tehnologiýalaryna esaslanýar we ORACLE maglumatlar binýadyny dolandyryş ulgamyndan peýdalanýar. Bu ulgamyň girizilmegi bankyň işleriniň ähli bölümlerini, esasanam: hasaplaşyk, karz, pulhana halkara hasaplaryny, söwda we diling amallaryny, bank işleriniň derňewini, býujet we ýolbaşçylyk – hojalyk harajatlaryny, zähmet haky, işgärleriň, ammarlaryň, serişdeleriň we ABÇKZ, esasy serişdeleriň hasabyny ýöretmegi, bankyň baş kitabyny girizmegi awtomatlaşdyrmaga mümkinçilik berdi. Bu ulgamyň kadaly işlemegini üpjün etmek maksady bilen IBM kompaniýasynyň RISC-tehnologiýa prosessorly serwerler oturdyldy.

Esasy kommutatorlary, monitoring ulgamy, awtomatiki ätiýaçlandyrmagy çözmek bilen lokal hasaplaýyş ulgamy oturdyldy, maglumatlary geçiriş akymynyň tizligi 1 Gbit/sek. Türkmenistanyň elektron bankara hasaplarynyň ulgamy, SWIFT, plastik kartoçkalar ulgamy, maglumat gullugy REUTER ýaly daşarky ulgamlar bilen aragatnaşyk ýola goýuldy.

Bankda oturdylan Reýters ulgamy, elektron dilingi enjamlary we programma üpjünçiligi halkara gyzyl pul bazarynda amallary işjeň geçirmäge mümkinçilik berýär.

Plastiki kartoçkalar boýunça hasaplaşyk ulgamlaryny girizmeklik MILLIKART milli plastiki karta ulgamyny çykarmaklyga we hyzmat etmeklige mümkinçilik berdi. Bank VISA halkara ulgamynyň doly hukukly agzasy hasaplanýar. Bankda MILLIKART hasaplaşyklary we awtorlaşdyryş ulgamynda gönümel aragatnaşygy guramak üçin ýöriteleşdirilen enjamlar oturdyldy. VISA kartoçkalarynda awtorlaşdyryş hemra aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen IP-teswirnamasynyň kömegi bilen geçirilýär. 2009-njy ýylyň ahyrynda birnäçe bankomat we infokiosik birlikleri satyn alyndy. 2010-njy ýylda öň satyn alynan enjamlaryň oturdylmagy we işledilip başlanmagy meýilleşdirilýär, şonuň bilen milli MILLIKART we VISA halkara kartlaryny kabul etmek boýunça bankomatlar we terminallar torunyň giňelmegine getirer.

Bankda bankyň ähli habarçy hasaplarynyň awtomatlaşdyrylan hasabyny ýöretmäge mümkinçilik berýän elektron resminama dolanyşyk ulgamy gurnaldy. Resminama dolanyşyk ulgamy IBM kompaniýasynyň lotus notes programma önümine esaslanýar.

Bankyň hususy içki telefon aragatnaşyk ulgamy bar, ol SIEMENS döwrebap telekommunikasiýa enjamlaryna esaslanýar. Daşarky aragatnaşyk lomaý süým kabelinde gurnalan, ol howpsuzlygyň ýokary derejesini üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Bankyň fiziki we elektron howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça wezipeleri çözmek üçin merkezleşdirilen kompýuter ulgamy oturdyldy, ol ýörite otaglara, şol sanda banka işgärleriň barmagyny çäklendiriş ulgamyny, telemetriki gözegçilik ulgamyny, ýangyn howpsuzlyk ulgamyny öz içine alýar.

Öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, 2009-njy ýylda täze işleri awtomatlaşdyrmak üçin ABS modullary işlenip taýýarlandy, ulgamdan peýdalanyjylaryň isleglerini hasaba almak bilen öň anyklanylan kemçilikler düzedildi, salgytlaryň täze hasaplamalary bilen baglkanyşykly amallar döwrebaplaşdyryldy, hasabat binýatlarynyň üsti ýetirildi.

Bankda özbaşdak elektro kuwwatlyk ulgamy işe girizildi, onuň üznüksiz elektroüpjünçilik kuwwatly çeşmesi we dizel – generatory bar.

Gaýtadan açylan “Awaza” şahamçasy üçin bankyň hünärmenleriniň öz güýçleri bilen ABS-de täze bölümçe we ulanyjylar döredildi, olar üçin amallar we töleg resminamalarynyň geçiş çyzgysy düzüldi. Şahamçany baş edaradaky merkezleşdirilen maglumat bazasyna birikdirmek üçin maglumat geçişiniň sanly kanaly gurnaldy.

Türkmenistanyň Merkezi banky bilen LOTUS NOTUS maksatnamasy arkaly göni poçta aragatnaşygy ýola goýulan.

SWIFT halkara maliýe hasaplaşyklar ulgamyna aýratyn üns berilýär. Bu programma önümleri howpsuzlyk, aralaşmagy çäklendirmek we dolandyrmak boýunça has ýokary derejelere eýe bolýar.

Bankyň awtomatlaşdyrmak iş meýilnamasy babatynda awtomatlaşdyrylan bank ulgamyny ösdürmek boýunça 2010-njy ýyl üçin meseleler öňde durýar:

- Enjam-tehniki bölegi boýunça: 1) Kompýuter (serwer) tehniki parkyny täzelemek; 2) Aşgabat şäheri boýunça bankomat we söwda terminal toryny döretmek üçin, öýjükli aragatnaşygy üpjün edijiler tarapyndan simsiz aragatnaşygy (GPRS, 3G) ýola goýmak;
- Maksatnama bölegi boýunça – döwrüň talabyna laýyklykda awtomatlaşdyrylan bank ulgamynyň maksatnamalaýyn üpjünçiligini ösdürmek;
- Işgärleriň bankyň maglumat tehnologiýasyny öwrenmegine aýratyn üns berilmegi meýilleşdirilýär.

## Korporatiw dolandyryş

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky häzirki zaman maliýe – karz edarasy hökmünde korporatiw dolandyryşy kämilleşdirmek meselelerine aýratyn üns berýär, onuň hili köp derejede bankyň iş netijelerini kesgitleýär. Bankyň korporatiw dolandyryş ulgamy Türkmenistanyň hökümetiniň gulluk edarasy derejesindäki özboluşlylygynda hem öz beýanyny tapýar.

Banky Türknenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýän başlyk we orunbasarlary dolandyrýar. 2009-njy ýylda bankda iki Müdiriýetiň başlygynyň orunbasarynyň bellenilmegi bilen, Bankyň Müdiriýetiniň işiniň Bankyň ýokary işgärler guramasy hökmünde täzelemäge mümkinçilik boldy. Işgärler toparynyň maslahatçy guramasy dolandyryş çözgütlerini kabul etmäge düýpli täsir edýän, başlyklar geňeşi hasaplanýar, ol uly gurluş birikmeleriniň ýolbaşçylaryndan we bankyň özbaşdak bölümleriniň başlyklaryndan ybaratdyr.

Bankda başlyga we başlyklar geňeşine hasabat berýän hemişe hereket edýän işçi guramalar döredilen: Karz we Hünär synagy topary, täzeden döredilen Satyn alyş topary, Deňleşme iş topary, hemişelik hereket edýän Tükelleýiş iş topary, her bir toparyň öňünde duran wezipeler, şeýle hem olaryň işiniň beýany bankyň degişli içki resminamasy bilen kesgitlenýär.

Korporatiw dolandyryşy kämilleşdirmegiň çäklerinde halkara usullaryň we standartlaryň tejribesini, Türkmenistanyň merkezi bankynyň talaplaryny, auditor kompaniýalarynyň tekliplerini, dolandyrmakdaky töwekgelçiligi hasaba almak bilen hereket edýän ulgamyny ösdürmeklige aýratyn üns berýär. Ilkinji nobatda karz, bazar gatnaşyklaryny dolandyrmakdaky, amallar töwekgelçiligindäki, şeýle hem aradan aýyrmak töwekgelçiligindäki wezipeleri çözmäge degişli üns berilýär.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky dolandyrmakdaky töwekgelçilikde, öz syýasatynyň çäklerinde aradan aýyrmagyň ýeterlik derejesini saklamaga, walýutalaryň görnüşleri we möhleti boýunça aktiwleriň we passiwleriň gurluşyny deňleşdirmäge, sebitler, pudaklar, müşderiler we aktiw amallaryň möçberleri boýunça diwersifikasiýalaşdyrmagyň zerur derejesini üpjün etmäge çalyşýar. Bankyň ygtybarlygyny häsiýetlendirýän hususy maýany taýýarlamaga aýratyn üns berilýär.

Bankyň geçirýän amallarynyň möçberi,bankyň teklip edýän önümleriniň we hyzmatlarynyňugurlarynyň giňemegi, şeýle hem Türkmenistanyň banklarynyň halkara standartlary boýunça maliýe hasabatlaryny ýola goýmaklyga geçmekligi korporatiw dolandyryş ulgamyny, aýratynam bankyň içki barlagynyň we auditiniň ulgamyny mundan beýläk kämilleşdirmegi talap edýär.

Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky içki barlaglaryň ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek bilen şulary üpjün edýär:

- habarlaryň anyklygyny we ygtybarlygyny;
- aktiwleriň goraglylygyny;
- baýlyklaryň tygşytly we netijeli ulanylmagyny;
- geçirilýän amallaryň hereket edýän kanunçylyga, bellenilen içki düzgünlere we meýilnamalara laýyk gelmegini; öňde goýlan maksatlara we wezipelere ýetilmegini.

Bankda içki auditiň wezipelerini ýerine ýetirýän özbaşdak gözegçilik – derňew işi bölümi işleýär. Bölümiň wezipesi hereket edýän içki gözegçilik ulgamynyň düzgünleriniň netijeliligini barlamakdan, amala aşyrylýan amallara deslapky, häzirki we soňraky barlagy amala aşyrmakdan ybarat.

Guramaçylyk gurluşyny kämilleşdirmek, bankyň işini dolandyryş ulgamynyň esasy wezipeleriniň biri hasaplanýar, ol birikmeleriň işlerini ugrukdyrmaklygy gowulandyrmaga, esasy kanunçylygyň ösdürilmegi, täze iş ugurlarynyň ýüze çykmagy, müşderileriň hyzmatlaryň hiline talaplarynyň ýokarlanmagy bilen baglanyşykly üýtgeşmelere uýgunlaşdyrmaga gönükdirilen. Şol sebäpli hem Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky 2009-njy ýylyň 1-nji awgustyndan bankyň düzüm gurluşyna käbir ütgeşmeler girizdi. Bankyň düzümindäki bu üýtgeşmeler ilkinji nobatda müşderilere edilýän hyzmatyň we bank tarapyndan geçirilýän amallaryň ygtybarlylygynyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen.

Daşary ýurt karzlaryny maliýeleşdirmek müdirliginiň esasynda täze Halkara mailýe müdirligi döredildi, onuň düzmine üç bölüm girýär: Daşary ýurt karzlary bölümi (öňki Daşary ýurt karzlaryny maliýeleşdirmek müdirligi), Halkara hasaplaşyklary we akkreditiwler bölümi bölümi we Diling amallar bölümi. Hasaplaşyk amallary müdirliginiň düzüminde täze Bank kartlary bien işeýän bölümi döredildi. Bankyň Iş dolandyryşynyň düzüminden özbaşdak bölüm hökmünde Huku bölümi aýryldy. Umuman bankyň guramaçylyk düzümi indi 6 müdirlikden, öz içine 21 bölümi we üç özbaşdak bölümi alýan düzümden ybarat.

Bankyň işgärler toparynyň esasyny bank işiniň dürli ugurlaryna degişli ýokary hünärli hünärmenler düzýär. Ýokary hünärli işgärler 73 %, orta – ýörite bilimli işgärler 20 %. Şunuň bilen birlikde işgärleriň bilim derejesini ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen çäreleriň ulgamy göz öňünde tutulan, olar: okuwlara we maslahatlara gatnaşmakdan, bankyň hyzmatdaşlarynyň Türkmenistanda we daşary ýurtda guraýan hünär tejribesini geçmekden; yzygiderli esasda içerki ykdysady okuwlary geçirmekden, dilleri öwrenmek boýunça okuwlary guramakdan ybarat.

Bankda kämilleşdiriş ulgamynda gulluk derejesi boýunça wezipesini ýokarlandyrmak, maddy we maddy däl ýeňillikleri bermek we höweslendirmek işlerde üstünlik gazanmaga we öňde goýlan maksada ýetmäge kömek edýär.

Işgärler toparynyň korporatiw ruhuny berkitmek, işgärleriň sagdyn durmuş ösüşine hemaýat etmek maksady bilen, bank maliýe ulgamynda geçirilýän jemgyýetçilik çärelerine işeňir gatnaşýar. Bankyň sport toparlary kiçi – futbol, woleýbol, stolyň üstünde oýnalýan tenis, şahmat, şeýle hem sportyň milli görnüşleri boýunça geçirilýän ýaryşlara gatnaşýarlar. Bankda döredilen “bilermenler” topary diňe bir ykdysadyýet we bank işleri boýunça däl-de eýsem taryh, medeniýet we beýleki ugurlardan bilimleri talap edýän intellektual oýunlara işjeň gatnaşýar. Baýramçylyk senelerinde geçirilýän aýdym-saz dabaralaryna hem bankyň aýdym-saz topary işjeň gatnaşýar.

Bank her ýylda milli gyzyl puluň dolanyşyga girizilen gününe bagyşlanan sergilere gatnaşýar. Geçirilýän çäreler bankyň işgärleriniň agzybirligine, özara düşünişip işlemeklerine, bankyň işleriniň şowly alnyp barylmagyna oňyn täsirini ýetirýär.







## Durmuş ugurly maksatnamalara gatnaşmak

Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet banky döwlet durmuş ugurly maksatnamalarynyň ençemesini durmuşa ornaşdyrmaga işjeň gatnaşýar.

"Türkmenistany syýasy, ykdysady, medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry" Milli Maksatnamasynda öňde goýlan wezipeleri durmuşa ornaşdyrmak, Garaşsyz we hemişelik



Bitarap Türkmenistanyň paýtagty Aşgabadyň binagärlik–şäher gurluşyk keşbini ösdürmek maksady bilen 2009-njy ýylda bank ýaşaýyş şertleri gowulandyrylan we ähli amatlyklary bolan 72 otagly ýaşaýyş jaýyny ulanmaga tabşyrdy. Ähli otaglar ýeňillikli şertlerde, umumy bahasyndan 50% ýeňilligi öz içine almak bilen we bankyň döreden gaznalarynyň hasabyndan jemagat hyzmatlarynyň bahasynyň bölegini gaýtaryp bermek bilen, Bankyň işgärlerine paýlandy. Şeýle-de bank 180 orunlyk gurlan we mekdebe çenli edaralaryň häzirki zaman talaplaryna gabat gelýän enjamlar bilen üpjün edilen çagalar bagyny ulanmaga tabşyrdy.



Aşgabat şäherindäki we onuň töweregindäki etraplaryň ekologiki ýagdaýlaryny gowulandyrmak maksady bilen bank "Ýaşyl guşak" maksatnamasyny durmuşa geçirmeklige işjeň gatnaşýar. Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky bu maksatnama gatnaşýan 9 ýylynyň dowamynda Köpetdagyň eteginde 387 müňden köp saýaly we miweli baglary ekdi. Ýylyň netijeleri boýunça banka berkidilen ýaşyl bagly meýdanlar 614 gektardan ybarat. Bankyň durmuş maksatnamalarynyň biri hem haýyr-sahawat işleridir. Bank bu ugurda eýýäm ençe ýyl bäri, Türkmenistanda meşhur bolan "Näzli" çagalar – ýetginjekler tans toparyna ähli taraplaýyn goldaw berýär. Bank däp bolşy ýaly maýyp çagalara, çagalar baglaryna hemýatlary berýär. 2009-njy ýylda haýyr-sahawat maksatlaryna jemi 238 mln. manatdan köp harçlandy.

## Gelejekki ösüş meýilnamalary

Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet bankynyň esasy maksady ýakyn gelejekde, "Türkmenistany syýasy, ykdysady, medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry" Milli Maksatnamasyny durmuşa ornaşdyrmaklyga işjeň gatnaşmak arkaly milli ykdysadyýetimizi ösdürmeklige ählitaraplaýyn kömek bermekden ybarat. Öňde goýlan maksatlara üstünlikli ýetmek üçin bank karzlaşdyrmak gurşawynyň korporatiw müşderilere, şol sanda Türkmenistanyň hökümetiniň tabşyrygy boýunça karz bermek, orta we kiçi kärhanalara karz bermek, fiziki taraplara karz bermek ugurlaryny ösdürmekligi meýilnamalaşdyrýar.

Dellalyk hyzmatlary bermekligiň gurşawynda bank berilýän bank önümleriniň we hyzmatlarynyň toplumyny giňeltmeklige we hilini ýokarlandyrmaklyga çalyşar. Şunlukda, esasan toplumlaýyn hyzmatlara, bank kartlaryny ösdürmeklige ýol çekleri, seýf işewürligi bilen amallara ornaşdyrmaklyga aýratyn üns beriler.

Halkara işler gurşawynda bank Türkmenistanda Türtkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmeklige, gelejekki maýa goýumlaryny peýdalanmak maksady bilen daşary ýurt maliýe institutlaryndan serişdeleri çekmeklige aýratyn üns berer. Mundan beýläk daşarky söwda şertnamalary boýunça hasaplaşyklar amala aşyrylanda resminamalar işewürligi ösdüriler.

Bankyň durnuklylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen maýalary döretmek boýunça işler dowam etdiriler. Esasanam, bu girdejileriň hasabyna amala aşyrylar, ýöne beýleki çeşmeleriň hasabyna maýalary emele getirmegiň mümkinçiliklerinden hem peýdalanylar.

Işjeň amallary ösdürmek bilen, bank töwekgelçiliklerini dolandyryş ulgamyny, şol sanda bazar töwekgelçiligini, karz töwekgelçiligini, ukyplylyk töwekgelçiligini, amallar töwekgelçiligini dolandyrmagy kämilleşdirer. Töwekgelçilikli amallar boýunça kararlary köpçülikleýin kabul ediş ýörelgelerini saklamak bilen, bank ýolbaşçylaryň we birikmeleriň işjeň amallary ýerine ýetirýän işgärleriniň şahsy jogapkärçiligini güýçlendirer.

## 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLYGY TAÝÝARLAMAK WE TASSYKLAMAK BOÝUNÇA MÜDIRIÝETIŇ JOGAPKÄRÇILIGINIŇ HASABATY

Şu hasabat garaşsyz auditorlaryň hasabatlaryna edilen 2-3-nji sahypalardaky garaşsyz auditorlaryň jogapkärçiligi bilen bilelikde garalmalydyr. Hasabat, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň maliýe hasabatlygyna bolan gatnaşygynda Müdiriýetiň we garaşsyz auditorlaryň degişli jogapkärçilikleri boýunça tapawutlandyrýan syn bilen ýerine ýetirildi.
Bankyň Müdiriýeti Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňelerine (MHHÜ) laýyklykda 2009-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin Bankyň maliýe ýagdaýy, ýagny ýylyň ahyryna özüniň işiniň netijeleri, pul serişdeleriniň hereketi we maýadaky üýtgetmeler hakyndaky maliýe hasabatlygyň taýýarlanylmagynda takyk maglumatlaryň berilmegi boýunça jogapkärçilik çekýär.

**Maliýe hasabatlygy taýýarlamakda müdiriýet şu aşakdakylara jogapkär:**

- Peýdalanyp boljak bugalteriýa ýörelgelerini saýlamak we olary yzygiderli ulanmak;
- Laýyk bolan bahalandyrmalary we hasaplamalary döretmek;
- Maliýe hasabatlygyň belliklerinde MHHÜ-niň talaplaryny alyp barmak we düýpli deň gelmezlikleri açmak; we
- Eger-de, Bank öz işewürligini görünýän gelejek üçin dowam etdirer diýip çaklan ýagdaýynda Bankyň alyp barýan işiniň maliýe hasabatlygyny taýýarlamak, eger-de, olar kanunalaýyk bolup durmaýan ýagdaýlardan özge ýagdaýlarda bolsa.

**Şeýle-de, Müdiriýet şu aşakdakylara jogapkär:**

- Bankda işläp taýýarlaýyş, girizme we işjeň hem-de berk içerki gözegçilik ulgamyň işini üpjün etmek;
- Islendik wagtda Bankyň maliýe ýagdaýyny hem-de Bankyň maliýe hasabatlygynyň MHHÜ-ne laýyk gelýändigini kepil geçip bilýän, kanagatlanarly takyklygy ýüze çykarýan degişli bugalterçilik hasabyny ýöretmek;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bugalterçilik hasabyny ýöretmek;
- Bankyň aktiwlerini gorap saklamakda degişli çäreleri görmek; we
- Işde bolup biljek aldawçylygy, ýalňyşlary we başga näsazlyklary ýüze çykarmak we onuň öňüni almak.

2009-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin maliýe hasabatlygy Müdiriýetiň Başlygy R.J.Jepbarow we Baş hasapçysy w.ýe.ýe.E.A.Myradowa tarapyndan 2010-njy ýylyň 1-nji(y) noýabrynda tassyk edildi.

# GARAŞSYZ AUDITORLARYŇ HASABATY

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň Başlyklar Geňeşine hem-de Müdiriýetine

## Maliýe hasabatlygy baradaky hasabat

Biz, 2009-njy ýylyň 31-nji dekabr aýynyň ýagdaýy boýunça maliýe ýagdaýy hakyndaky hasabaty, girdejiler we ýitgiler hakyndaky hasabaty, maýadaky üýtgetmeler hakyndaky hasabaty we tamamlanýan ýyl üçin pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky hasabaty, hasaba alyş syýasatynyň görkeziji maglumatyny hem-de beýleki düşündiriş belliklerini öz içinde jemleýän, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň (mundan beýläk "Bank") maliýe hasabatlygyň auditini geçirdik.

## Maliýe hasabatlyk üçin Müdiriýetiň jogapkärçiligi

Müdiriýet – Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňelerine laýyklykda, şu maliýe hasabatlygyň taýýarlanylmagyna hem-de dogry beýan edilmegine jogapkärdir. Bu jogapkärçilik şulary özünde jemleýär: özünde maddy ýalňyş tassyklamalary, ýa-da hilegärligi we säwligi jemlemeýän, maliýe hasabatlygyň taýýarlygyna we adalatly tanyşdyrylyş dabarasynyň taslamalaşdyrylyşyny, ýerine ýetirilişine we içerki gözegçiligiň saklanylyşyny; degişli hasaba alyş syýasatynyň saýlanylmagyny hem-de ulanylmagyny; we emele gelen ýagdaýlarda, laýyk deslapky hasaplamary döretmekligi öz içine alýar.

## Auditrolaryň jogapkärçiligi

Biziň, jogapkärçiligimiz, geçiren auditimize esaslanýan maliýe hasabatlar baradaky pikirlerimizi beýan etmekden ybarat. Biz, auditi – Auditiň Halkara Ülňelerine laýyklykda geçirdik. Bu ülňeler, biz tarapyndan etniki talaplary we meýilnamalary ýerine ýetirmekligi, şeýle-de laýyk kepili almak ýa-da özünde maddy ýalňyş tassyklamalary jemlemeýän maliýe hasabatlygy almak üçin auditi amala aşyrmaklygy talap edýär.

Audit – hökmany auditorçylyk subutnamasynyň san görkezijilerini we maliýe hasabatlygyň belliklerini almak üçin, iş kadalaryny ýerine ýetirmekligi öz içinde saklaýar. Saýlanyp alnan kadalar, auditorlaryň professional pikirlerine, şol sanda, maliýe hyýanat etmeleri ýa-da ýalňyşlary netijesinde maliýe hasabatynyň düýpli ýoýulma töwekgelçiliginiň bahalandyrylmasyna esaslanýar. Şunuň ýaly töwekgelçilikleriň bahalandyrylmasy – belli ýagdaýlarda peýdalanylýan, auditorçylyk kadalaryny işläp taýýarlamak maksady üçin, maliýe hasabatlygyň taýýarlylygy we adalatlylygy boýunça içerki gözegçilik ulgamynyň seredilmegini öz içine alýar, ýöne bu bahalandyrma içerki gözegçilik ulgamynyň işjeňligi baradaky pikirleriň beýan edilmegini göz öňünde tutmaýar. Şeýle-de, audit – peýdalanylýan hasaba alyş syýasatynyň kanunylygynyň we başlyk tarapyndan edilen çaklamalaryň esaslandyrylandygynyň bahalandyrmasyny, hem-de bitewlikde maliýe hasabatlyga bolan bahalandyrmany öz içinde jemleýär.

Biz, özümiz tarapyndan alynan auditroçylyk subutnamalaryň, bellenen maliýe haabatlylygy baradaky pikirleri beýan etmekde ýeterlikli esas diýip hasap edýäris.

## Pikir

Biziň pikirimizçe, şu maliýe hasabatlylygy, ähli düýpli aspektlerde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady bankynyň 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna bolan maliýe ýagdaýyny, şeýle hem ýyl boýunça onuň işiniň netijelerini we pul serişdeleriniň hereketini Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňelerine laýyklykda dogry beýan edýär.

Deloitte, LLP

2010 -njy ýylyň 1-nji noýabry
Gazagystan, Almata

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN GIRDEJILER WE ÝITGILER HAKYNDA HASABAT *(Türkmen müň manadynda)*

| | Bellik | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|---|
| Göterim girdejileri | 4, 21 | 61,352 | 87,680 |
| Göterim çykdajylary | 4, 21 | (48,184) | (69,731) |
| GÖTERIM GIRDEJISINI BERÝÄN AKTIWLER BOÝUNÇA GYMMATYŇ PESELMEGINDEN ÝITGILER ÜÇIN PROWIZIÝANYŇ DÖREDILMEGINE ÇENLI SAP GÖTERIM GIRDEJISI | | 13,168 | 17,949 |
| Göterim girdejisini berýän aktiwler boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin prowiziýany dikeltmek | 5 | 400 | (682) |
| SAP GÖTERIM GIRDEJISI | | 13,568 | 17,267 |
| Daşary yurt walýutasy bilen geçirilen amallardan alnan sap girdeji | 6 | 844 | 128,717 |
| Ýygym girdejileri | 7, 21 | 12,280 | 10,470 |
| Ýygym çykdajylary | 7 | (2,280) | (1,693) |
| Karzyň üzülişmeginden alnan girdeji | 8 | 11,742 | - |
| Başga amallar boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin prowiziýa | | (1,174) | - |
| Başga sap çykdajylar | | (1,695) | (3,081) |
| SAP GÖTERIMSIZ GIRDEJILER | | 19,717 | 134,413 |
| AMALLAR BOÝUNÇA GIRDEJI | | 33,285 | 151,680 |
| AMALLAR BOÝUNÇA ÇYKDAJY | 9 | (20,310) | (12,937) |
| SALGYT SALYNMAGYNA ÇENLI GIRDEJI | | 12,975 | 138,743 |
| Girdeji salgydy boýunça ýeňillik/(çykdajy) | 10 | 5,663 | (6,136) |
| **SAP GIRDEJI** | | **18,638** | **132,607** |
| **JEMI GIRDEJI** | | **18,638** | **132,607** |

Bu bellikler maliýe hasabatlygyň aýrylmaz bölegidir.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE ÝAGDAÝY HAKYNDA HASABAT *(Türkmen müň manadynda)*

| | Notes | 31 December 2009 | 31 December 2008 |
|---|---|---|---|
| **AKTIWLER:** | | | |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky serişdeler | 11 | 50,544 | 164,067 |
| Banklardaky serşdeler | 12 | 632,005 | 515,390 |
| Müşderilere berlen karzlar | 13, 21 | 1,527,115 | 1,777,804 |
| Satuwa degişli bolan maýa goýumlar | | 2,054 | 1,157 |
| Bank tarapyndan üzülişmek möhletine çenli saklanylýan maýa goýumlar | 14 | 26,510 | 26,588 |
| Esasy serişdeler, enjamlar we maddy däl aktiwler | 15 | 33,901 | 33,298 |
| Möhleti gaýra goýlan salgyt aktiwi | 10 | 2,602 | 2,446 |
| Beýleki aktiwler | 16 | 34,619 | 25,090 |
| **AKTIWLERIŇ JEMI** | | 2,309,350 | 2,545,840 |
| | | | |
| **BORÇNAMALAR WE MAÝA BORÇNAMALAR:** | | | |
| Banklaryň serişdeleri | 17 | 36,098 | 53,556 |
| Müşderileriň serşdeleri | 18, 21 | 621,812 | 495,452 |
| Beýleki çekilen serişdeler | 19 | 1,406,030 | 1,760,316 |
| Tölenmäge degişli girdeji salgydy | 10 | - | 6,463 |
| Beýleki borçnamalar | | 721 | 4,002 |
| **Jemi borçnamalar** | | 2,064,661 | 2,319,789 |
| **MAÝA:** | | | |
| Maýa | | 84,235 | 80,150 |
| Paýlanylmadyk peýda | | 160,454 | 145,901 |
| **Jemi maýa** | | 244,689 | 226,051 |
| | | | |
| **BORÇNAMALARYŇ WE MAÝANYŇ JEMI** | | 2,309,350 | 2,545,840 |

Bu bellikler maliýe hasabatlygyň aýrylmaz bölegidir.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MAÝADAKY ÜÝGETMELER HAKYNDA HASABAT *(Türkmen müň manadynda)*

| | Esaslyk maýa | Paýlanylmadyk peýda | Jemi maýa |
|---|---|---|---|
| **2007-nji ýylyň 31-nji dekabry** | 70,747 | 22,697 | 93,444 |
| Esaslyk maýasyny artdyrmak | 9,403 | (9,403) | - |
| Umumy girdeji | - | 132,607 | 132,607 |
| **2008-nji ýylyň 31-nji dekabry** | 80,150 | 145,901 | 226,051 |
| Esaslyk maýasyny artdyrmak | 4,085 | (4,085) | - |
| Umumy girdeji | - | 18,638 | 18,638 |
| **2009-njy ýylyň 31-nji dekabry** | 84,235 | 160,454 | 244,689 |

## 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI HAKYNDA HASABAT *(Türkmen müň manadynda)*

| | Bellik | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry üçin | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry üçin |
|---|---|---|---|
| **AMAL IŞINDEN GELÝÄN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Girdeji salgydyny tölemäge çenli girdeji | | 12,975 | 138,743 |
| Maddalaryň düzedişleri: | | | |
| Amortizasiýa çykdajylary | 9, 15 | 1,592 | 2,429 |
| Esasy serişdeleriň geçirilmeginden bolan ýitgi | | - | 2,293 |
| Göterim girdejisini berýän aktiwler boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin prowiziýa/(prowizaýany dikeltmek) | 5 | (400) | 682 |
| Başga amallar boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin prowiziýa | 5 | 1,174 | - |
| Karzyň üzülişmeginden bolan girdeji | 8 | (11,742) | - |
| Daşary yurt walýuta amallary boýunça girdeji | 6 | 3,858 | (104,824) |
| Sap göteriminň artmagy boýunça üýtgemeler | | (7,491) | 5,690 |
| Beýleki düzüdilişler | | 7,089 | - |
| Amal aktiwleriň we borçnamalaryň üýtgemegine çenli amal işinden bolan pul serişdeleriniň gelmegi | | 7,055 | 45,013 |
| Amal aktiwlerde we borçnamalarda üýtgemeler | | | |
| Amal aktiwlerini (artdyrmak)peseltmek: | | | |
| Iň az ätiýaçlyk depoziti | | (514) | (584) |
| Banklardaky hasaplar we depozitler | | 13,554 | (66,857) |
| Müşderilere berlen kazrlar | | 242,598 | 15,471 |
| Beýleki aktiwler | | (10,703) | (11,582) |
| Amal borçnamalaryny atrdyrmak/(peseltmek): | | | |
| Banklaryň serişdeleri | | (935) | (13,161) |
| Müşderileriň gündelik hasaplary | | 126,360 | 92,055 |
| Beýleki borçnamalar | | (929) | 1,810 |
| Salgyt salynmagyna çenli amal işinden pul serişdeleriniň gelmegi | | 376,486 | 62,165 |
| Tölenen salgytlar | | (955) | (1,473) |
| Amal işinden sap pul serişdeleriň gelmegi | | 375,531 | 60,692 |
| **MAÝA GOÝUM IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Esasy serişdeleri we enjamlary edinmek | 15 | (2,195) | (3,174) |
| Satuwa degişli bolan maýa goýumlary edinmek | | (905) | - |
| Bank tarapyndan üzülişmek möhletine çenli saklanylýan maýa goýumlary edinmek | | - | (12,181) |
| Maýa goýum işinden pul serişdeleriniň sap gelip gitmegi | | 3,100 | (15,355) |

## 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI HAKYNDA HASABAT (dowamy) *(Türkmen müň manadynda)*

| | Bellik | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin |
|---|---|---|---|
| **MALIÝE IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:** | | | |
| Üzülişen karzlar | | (342,544) | (846,820) |
| Beýleki çekilen serişdeler | | - | 790,751 |
| Girdejini paýlamak | | - | (16,367) |
| Maliýe işinden bolan pul serişdeleriniň sap gitmegi | | (342,544) | (72,436) |
| PUL SERIŞDELERINIŇ WE OLARYŇ EKWIWALENTLERINIŇ SAP PESELMEGI | | 29,887 | (27,099) |
| Daşary yurt walýutasynyň pul serişdesine bolan üýtgemeleriniň netijesi we onuň ekwiwalentleri | | 2,768 | 311,905 |
| ÝYLYŇ BAŞYNA PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI | 11 | 511,723 | 226,917 |
| ÝYLYŇ AHYRYNA PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI | 11 | 544,378 | 511,723 |

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

## 1. GURAMA

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky (mundan beýläk "Bank") 1992-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen döwlet täjirçilik banky hökmünde döredildi. Bank öz işini daşary yurt walýutasy bilen amallary amala aşyrmak üçin 97 belgili baş bank ygtyýarnamasyna hem-de 32 belgili ygtyýarnama laýyklykda amala aşyrýar. Şu aşakdakylar bankyň işiniň esasy görnüşleridir: goýumlary çekmek we müşderileriň hasaplaryny ýöretmek, karzlary we kepilnamalary bermek, hasaplaşyk-kassa hyzmatyny amala aşyrmak, gymmatly kagyzlar hem-de daşary ýurt walýutasy bilen amallary geçirmek. Bankyň işi Türkmenistanyň Merkezi banky (mundan beýläk "TMB") bilen düzgünleşdirilýär.

Bank şu aşakdaky salgyda hasaba alyndy: Türkmenistan, Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 32.

Bank Türkmenistanyň Hökümetine doly degişlidir.

Maliýe hasabatlygy Müdiriýet tarapyndan 2010-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda tassyklanyldy.

## 2. HASABATLYK BILEN TANYŞDYRMAGYŇ ESASLARY

### Bugalterçilik hasabynyň esaslary

Şu, maliýe hasabatlygy Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleri boýunça Geňeşi (BHHÜG) hem-de Halkara Maliýe Hasabatlygy boýunça Düşündiriş berýän Komiteti (HMHDK) tarapyndan işlenilip taýýarlanylan Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňelerine (MHHÜ) laýyklykda ýerine ýetirildi.

Şu, maliýe hasabatlygy Bankyň hereket edýän gurama hökmünde, şeýle-de onuň görünýän gelejeginiň amallary boýunça işi dowam etdirjekdigi bilen, öz üstüne jogapkärçiligi almagy esasynda işlenip taýýarlanyldy. Müdiriýet we ýeke-täk maýadar geljekde Türkmenistanda Bank işewürligini ösdürmek babatyndaky maksada eýerýär. Müdiriýet, hereket edýän gurama hökmünde Bankyň ýeterlikli maýasynyň koeffisiýent adekwatlylygyna we döwlediň dowamly ýardam bermegine esaslanyp, jogapkärçiligi öz üstüne almak bilen, derejä laýyk gelýändigine ynanýar.

Şu, maliýe hasabatlygy ilkinji gymmatynyň düzgünine laýyklykda ýerine ýetirildi.
Şu, maliýe hasabatlygy Türkmenistanyň bugalterçilik hasabynyň ülňelerine laýyklykda taýýarlanyldy we MHHÜ-ne laýyklykda tertipleşdirildi. Goşulan üýtgetmeler öz içine kesgitlenen reklassifikasiýany jemleýär, çünki bu bolsa amallaryň ykdysady ýagdaýyny, şol sanda maliýe hasabatynyň mazmunyna degişli bolan kesgitlenen aktiwleriň we borçnamalaryň, girdejileriň hem-de çykdajylaryň reklassifikasiýasyny görkezýär.

### Funksional walýuta

Bankyň maliýe hasabatlygyna goşulan maddalar, bellenen ykdysady obýektler babatynda geçirilýän amallaryň we ýagdaýlaryň, ykdysady manysyny has gowy şertlerde görkezýän, walýutany ulanmak arkaly bahalandyrylýar ("Funksional walýuta"). Şu, maliýe hasabatlygyň amallar walýutasy türkmen manadydyr ("TMM").

2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Hökümeti, 5000 TMM köne pul birligini täze 1 (bir) TMM manadyň pul birligine denominasiýa etdi. Bu maliýe hasabatlyk üçin ýolbaşçylyk tarapyndan täze türkmen manady ulanmak kabul edildi. Täze TMM-a geçmek bilen, ähli aktiwler, bank borçnamalary, girdejiler we çykdajy pudaklarynyň ählisi täze manadyň köne manatda 5000-e deň bolmak bilen üýtgedildi.

## 3.HASABA ALYŞ SYÝASATYNYŇ ESASY DÜZGÜNLERI

### Maliýe gurallaryny ykrar etmek we bahalandyrmak

Bank maliýe guralynyň şertnamalaýyn borçnamasynyň tarapy bolmak bilen, özüniň maliýe ýagdaýynyň hasabatynda, maliýe aktiwleri we borçnamalary ykrar edilýär. Maliýe aktiwlerini we borçnamalaryny wagtly-wagtynda satyn almak we satmaklyk, bugalterçilik hasabynyň senesine görä ykrar edilýär. Şunuň ýaly maliýe gurallaryny wagtly-wagtynda satyn almak ýollary, ahyrda, söwda senesi bilen hasaplaşyk senesiniň arasyndaky adalatly gymmaty boýunça ölçener we satyn alnan gurallar ýaly hasaba alnar.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

Maliýe aktiwler we borçnamalar ilkibaşda adalatly gymmat boýunça ykrar edilýär. Eger-de, maliýe aktiwleriniň we borçnamalarynyň ilkibaşdaky gymmaty, girdeji ýa-da ýitgi arkaly adalatly gymmat boýunça maliýe aktiwi we borçnamasy bolup durmaýan bolsa, onda, olar gös-göni maliýe aktiwini edinmek ýa-da döretmek ýa-da maliýe borçnamasyny emissiýasy etmek bilen bagly bolan amallar çykdajysynyň jemine korrektirlenilýär. Agzalan ýagdaýlar gatnaşygyndaky soňraky ýaňadan ölçemeler üçin bolan hasaba alyş syýasaty aşakda beýan edilýän degişli hasaba alyş syýasatynda açylyp görkezilýär.

**Maliýe aktiwleriniň we borçnamalarynyň ykrar edilmegini ýatyrmak**

**Maliýe aktiwleri**

Maliýe aktiwiniň (ýa-da, haýsy hem bolsa bir ýerde ulanyp bolýan maliýe aktiwiniň bir topary ýa-da maliýe aktiwine deňelýän aktiwleriň bir topary) şu ýagdaýlarda ykrar edilmesi ýatyrylyp bilner:

- Aktiwlerden pul serişdelerini almak hukugynyň hereketiniň bes etmegi;
- Aktiwlerden gelýän akymlaýyn pul serişdelelerini almak boýunça Bankyň öz hukuklaryny geçirmegi, ýa-da aktiwlerden gelýän akymlaýyn pul serişdelerini almak boýunça Bankyň öz hukuklaryny saklap galmagy, ýöne, şol bir wagtyň özünde üçünji tarapa “geçirmek” ylalşygy esasynda doly tölemek jogapkärçiligini alanda; we
- Bank (a) ähli töwekgelçilikleri we aktiwlerden bolan girdejileri geçirýär, ýa-da (b) ähli töwekgelçilikleri we aktiwlerden bolan girdejileri geçirmeýär hem-de özünde saklap galmaýar, ýöne, aktiwlere bolan gözegçiligi berýär.

Maliýe aktiwiniň ykrar edilmegi, eger-de ol geçirilen we ykrar edilmäniň ýatyrylmagy üçin talaplar ýerine ýetirilen bolsa, ol ykrar edilme ýatyrylan diýip hasap edilýär. Geçirmek tertibi Bankyň: (a) Aktiwlerden gelýän pul serişdelerini almak boýunça ylalaşyklaýyn hukuklaryny geçirmegi; ýa-da (b) aktiwlerden gelýän pul serişdelerine bolan hukugy saklap galmak, eger-de pul serişdelerini üçünji tarapa geçirmek boýunça şertnamalaýyn borçnamalary öz üstüne alan ýagdaýynda. Geçirişden soňra, Bank geçirilen aktiwler babatynda saklanyp galan töwekgelçilikleriň we girdejileriň derejesini täzeden bahalandyrýar. Eger-de, ähli töwekgelçilikler we girdejiler saklanyp galsa, onda aktiwler, maliýe ýagdaý hakyndaky hasabatda bolýar. Eger-de, ähli töwekgelçilikler we girdejiler geçirilen bolsa, onda aktiwleriň ykrar edilmegi ýatyrylýar. Eger-de, ähli töwekgelçilikler we girdejiler saklanylmadyk we geçirilmedik ýagdaýynda, Bank aktiwiň gözegçiligini saklap galmagy boýunça bahalandyrma geçirýär. Eger-de, ol gözegçiligi saklap galmasa, onda aktiwleriň ykrar edilmegi ýatyrylýar. Haýsydyr-bir ýerde Bank aktiwlere öz gözegçiligini saklaýan bolsa, onda aktiwleriň ykrar edilmegi, onuň gatnaşyjylyk derejesi bilen bilelikde dowam etdirilýär.

**Maliýe borçnamalary**

Eger-de, borçnama üzülişen, ýatyrylan ýa-da güýji geçen bolsa, onda maliýe borçnamasynyň ykrar edilmesi ýatyrylan diýip hasap edilýär.

Eger-de, maliýe borçnamasy, şol bir karz berijä düýpli dürli-dürli şertler ýa-da borçnamanyň möhletleri bilen üýtgedilse, başga şertler bilen çalşyrylan bolsa, onda munuň ýaly çalşyrmalary ýa-da täzeleýişleri ilkinji borçnamanyň ykrar edilmesiniň ýatyrylmagy, onuň ýerine bolsa täze borçnamanyň ykrar edilmegi bilen seredilýär hem-de degişli balans gymmatynyň tapawutlyklary girdejiler baradaky hasabatda ykrar edilýär.

**Pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri**

Pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri – kassadaky bar pul serişdeleri, aragatnaşyk hasaplaryndaky çäksiz balansy we TMB-daky **gyssagly depozit hasaby** we ilkinji üzülişmek möhletli 90 günlik bolan beýleki banklar arasyndaky aragatnaşyk hasaplary öz içine alýar. TMB-daky minimal ätiýaçlyk gaznasy, onuň peýdalanylmagyna bolan çäklendirme sebäpli pul serişdesiniň ekwiwalenti bolup durmaýar.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

**Banklaryň serişdeleri**

Bank, alyp barýan gündelik işinde beýleki banklar bilen dürli döwürler üçin karzlary we depozitleri alyp barýar. Banklara bellenen möhletde üzülişmek şerti bilen berilýän karzlar, göterimiň işjeň usulyny ulanmak arkaly amortizirlenen gymmatynda ölçenilendir. Eger-de, berilen kazrlar, bellenen möhletde üzülişmek şerti bilen şertlendirilmedik bolsa, onda, tölegiň möhleti garaşylýan senä esaslanan, amortizirlenen gymmatlandyrma bilen amala aşyrylýar. Karz guramalaryndaky serişdeler, islendik gymmatyň peselmeginden bolan ätiýaçlyklary aýyrmak bilen ölçenilýär.

**Müşderilere berilýän karzlar**

Müşderilere berilýän karzlar, bu – maliýe aktiwleriniň beýleki kategoriýalarynyň klassifikasiýasyndan tapawutlylykda, işjeň bazarda kotirlenmeýän, fiksirlenen we kesgitlenen tölegli, emeli bolmadyk aktiwlerdir.

Bank tarapyndan bellenen möhlede üzülişmek şerti bilen berilýän karzlar babatynda, onuň ilkinji adalatly gymmaty, şeýle hem karza degişli bolan amallar boýunça çykdajylary goşmak bilen ykrar edilýär. Eger-de, karzyň garalýan adalatly gymmaty, karzyň adalatly gymmaty bilen deňleşmese, ýagny, mysal üçin: berilen karz, bazar bahasynyň hümmetinden pes bolsa, onda garalýan adalatly gymmat bilen karzyň adalatly gymmatynyň arasyndaky tapawutlylyklar, karzyň başlangyç ykrarnamasynda ýitginiň hasabyna ykrar edilýär hem-de şu ýitgiler girdejiler boýunça hasabata goşulýar. Netijede, karzlary göterimiň işjeň usulyny ulanmak arkaly amortizirlenen gymmatynda ölçenilýär. Müşderilere berilýän karzlar, gymmatyň peselmeginden bolan ätiýaçlyklary aýyrmak bilen ölçenilýär.

**Üzülişmedik karzlary hasapdan aýyrmak**

Eger-de, berilen karzlar ynamsyz algy bolup durýan bolsa, onda ol diňe gymmatyň peselmeginiň ýitgisiniň hasabyna hasapdan aýrylyp bilner. Banka tölenilmäge degişli bolan pul serişdelerini yzyna gaýtaryp almak boýunça ähli çäreler Müdiriýet tarapyndan geçirilenden soňra, bar bolan üpjünçiligini satmak arkaly berilen karzlar hasapdan aýrylýar. Wagtyndan öň hasapdan aýrylan pul serişdeleriniň soňraky gaýtarylyşy, öweziň doldurylýan senesine görä, girdejiler baradaky hasabatda görkezilmek şerti bilen, maliýe aktiwlerinde çykdajylaryň peselmegi görnüşinde görkezilýär.

Gymmatyň peselmeginiň ýitgileri boýunça ätiýaçlyklar

Maliýe aktiwiň ýa-da maliýe aktiwleriň toparlarynyň gymmatynyň peselmegi boýunça obýektiw güwänamalaryň bar bolan ýagdaýynda, adalatly gymmaty boýunça görkezilmeýän maliýe aktiwleriniň gymmatynyň peselmegi hasaba alynýar. Maliýe aktiwiniň gymmatynyň peselmegi, munuň özi, aktiwleriň balans gymmatynyň hem-de çaklanylýan geljekgi pul serişdeleriniň häzirki gymmatynyň arasyndaky tapawutlylykdan ybaratdyr, şol sanda, amortizirlenen gymmatynda hasaba alynýan, maliýe aktiwleri boýunça diskontirlenen ilkibaşdaky işjeň göterim stawkasyny peýdalanmak bilen kepilliklerden hem-de üpjünçilikden alnyp bilinjek pul serişdeleriniň jeminden ybarat bolup durýar. Eger-de, soňraky döwürde gymmatyň peselmeginiň derejesi peselse we munuň ýaly peselmeler, gymmatyň peselmegini ykrar etmekden soňraky çäreler bilen obýektiw baglaşdyryp bolýan bolsa, onda, irki gymmatyň peselmeginden ykrar edilen ýitgi, ätiýaçlyk hasabyna korrektirowka etmek arkaly dikeldilýär.

Özüne düşýän gymmaty boýunça görkezilýän maliýe guralynyň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklary – maliýe aktiwiniň balans gymmatynyň we häzirki bazaryň göterim derejelerini şunuň ýaly maliýe guralyna peýdalanmak arkaly bahalandyrylan, gelejekgi diskontirlenen pul serişdeleriniň häzirki gymmatynyň arasyndaky tapawutlylygy öz içine alýar. Şunuň ýaly gymmatyň peselmeginden bolan ýitgiler soňra dikeldilmeýär.

Töwekgelçiliklere sezewar bolýan aktiwleri seljermek esasynda, gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlygy hasaplanyp tutulmagy ýerine ýetirilýär we müdiriýetiň pikirine laýyklykda, degişli çykdajylaryň öwezini doldurup biljek, ýeterlikli pul serişdesiniň jemi görkezilýär. Ätiýaçlyklar – töwekgelçiliklere sezewar bolýan aktiwleri aýrybaşga bahalandyrmagyň, özbaşdaklykda möhüm bolup durýan maliýe aktiwleri gatnaşygynda hem-de özbaşdaklykda möhüm bolup durmaýan maliýe aktiwleri gatnaşygyndaky, aýrybaşga we bilelikdäki bahalandyrma esasynda döredilýär.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

Gymmatyň peselmegindäki ätiýaçlyklaryň üýtgetmegi, ätiýaçlykdan bolan girdejilere degişli bolup durýar (maliýe aktiwler amortizirlenen gymmatda görkezilýär) ýa-da göni hasapdan aýrylýar (maliýe aktiwler gymmaty boýunça görkezilýär). Aktiwler, maliýe ýagdaýy baradaky hasabatda – gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlyklaryny aýyrmak bilen hasaplanyp, görkezilýär. Gymmatyň peselmeginiň ýitgileri, Bank şeýle bahalandyrýar, ýagny, bu ýagdaý öz içinde, debitoryň ýa-da emitentiň likwidliligini, onuň töleg ukyplylygyny, alyp barýan işiniň we maliýe töwekgelçiliklerini, şular ýaly maliýe aktiwlerinde borçnamalaryň ýerine ýetirilmezliginiň derejesini we tendensiýasyny, döwletiň we sebitiň ykdysady tendensiýasyny hem-de ýagdaýyny, şeýle hem üpjünçiligiň we kepilnamalaryň adalatly bahasyny jemleýär. Şu we beýleki faktorlar aýrybaşga hem-de umuman maliýe aktiwlerinde ýa-da maliýe aktiwleriniň toparlarynda gymmatyň peselmeginiň ýitgilerini ykrar etmek boýunça obýektiw maglumatlaryň giň göwrümini öz içine alýar.
Şeýle-de, bu ýitgileriň bahalandyrylmasynyň, subýektiw faktory öz içine alýandygyny bellemek gerek. Bankyň Müdiriýeti, gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlyklary, hasabat döwründe töwekgelçiliklere sezewar bolýan aktiwlerde, çekilen çykdajylary ýapmak üçin ýeterlik bolar diýip çaklaýar, ýöne, şol bir wagtyň özünde Bank belli bir wagtda, ýazylan pul serişdesiniň garşysyna köp bolan çykdajylary çekip bilmegi mümkin.

**Satuwa degişli bolan maýa goýumlar**

Satuwa degişli bolan maýa goýumlar – bellenilmedik wagt aralygynda saklanylmaga niýetlenen, bergidarlyk boýunça gymmat bahaly kagyzlara we paýnama bolan maýa goýumy aňladýar. Bazarda ýöremeýän gymmat bahaly kagyzlar, Bankyň olar babatynda takyk derejede adalatly gymmatyny kesgitläp biler diýen şerti esasynda, amortizirlenen gymmatyndan ätiýaçlygy aýyrmak (eger-de bar bolsa) bilen hasaplanylýar.

**Bank tarapyndan üzülişmek möhletine çenli saklanylýan maýa goýumlar**

Bank tarapyndan üzülişmek möhletine çenli saklanylýan maýa goýumlary – munuň özi, Bank tarapyndan oňaýly niýet bilen üzülişmegine çenli saklanylýan, kesgitlenen we fiksirlenen bergidarlyk gymmat bahaly kagyzlardyr. Munuň ýaly gymmat bahaly kagyzlar, amortizirlenen gymmatda, gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlygyny aýyryp hasaplamak arakaly, göterimiň işjeň usulyny ulanmak bilen nazara alynýar. Amortizirlen diskont, üzülişmek möhletine çenli döwürde, göterimiň işjeň usulyny ulanmak arkaly girdeji göterim hökmünde görkezilýär.

**Esasy serişdeler, enjamlar we maddy däl aktiwler**

Esasy serişdeler, enjamlar we maddy däl aktiwler, binalardan başgalary, ýygnalan amortizasiýasyny aýyrmak netijesinde, ilkibaşdaky gymmaty bilen hasabatda görkezilýär. Gutarylmadyk gurluşyk obýektleriniň we ekspluatasiýa berilmedik obýektleriň amortizasiýasy, obýektleriň ekspluatasiýa girizilmegi netijesinde hasaplanyp başlaýar.

Esasy serişdeleriň, enjamlaryň we maddy däl aktiwleriň ulanmaga peýdaly möhletiniň dowamynda aktiwleri hasapdan aýyrmak üçin amortizasiýa hasaplanylýar. Amortizasiýa göni ugurly hasaplamak esasynda, şu aşakda bellen görkeziji bilen hasaplanyp çykarylýar:

| | |
|---|---|
| Jaýlar we başga gozganmaýan emläk | 1-5% |
| Mebel we enjam | 4-33% |
| Ulag serişdeleri | 9-14% |
| Başga esasy maýalar | 5-10% |
| Maddy däl aktiwler | 10-11% |

Esasy serişdelere we enjamlara hasaplanan balans gymmatynyň, olaryň dikeldiş gymmatyndan ýokary bahalandyrylandygyny anyklamak maksatly, olaryň dikeldiş gymmaty her-bir hasabat senesi üçin seredildi. Dikeldiş gymmaty iki esasdan ybarat, ýagny, satmakdan emele gelen çykdajylary aýyrmak netijesindäki adalatly gymmaty ýa-da alyjylyk gymmaty bilen kesgitlenilýär.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

Eger-de, esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň balans gymmaty, olaryň dikeldiş gymmatyndan ýokary bolsa, onda Bank esasy serişdeleriň balans gymmatyny, olaryň dikeldiş gymmatyna çenli peseldýär; esasy serişdeleriň gymmatynyň peselmeginden bolan ýitgiler degişli döwürde ykrar edilýär hem-de amallar çykdajysynyň hasabyna goşulýar. Gymmatyň peselmeginiň ýitgileri ykrar edilen soňra, aktiwleriň hasaplanan balans gymmatyndan galyndy gymmatyny aýyrmak netijesinde (eger-de bar bolsa) ulanylmaga galan peýdaly möhletine deň derejede bölüşdirmek maksatly, esasy serişdeler boýunça amortizasion tutulyp galmalar soňraky döwürde korrektirlenilýär.

**Salgyt salmak**

1995-nji ýylyň 1-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Prezidentiň Kararyna laýyklykda, Bank özüniň töelenen maýasyny ABŞ-nyň 50 million dollaryna we 200 müň TMM deňleşdirýänçä girdeji salgydyndan boşadyldy. Ýöne, Bank ýerli ýygymlaryň we sap girdejä esaslan oba hojalygyň ösüşiniň salgydy boýunça subýekti bolup durýar.

Girdeji salgydy boýunça möhleti uzaldylan salgyt – tölenmäge degişli bolup durýan salgyt ýa-da maliýe hasabatlygynda aktiwleriň we borçnamalaryň balans gymmatlarynyň arasynda emele gelen tapawutlylyga hasaplanylýar, hem-de degişli salgyt salmagyň esasy, girdeji salgydyny salmaklykda peýdalanylýar we balansyň borçnamalar böleginde peýdalanylýan usul görnüşinde hasaplanylýar. Borçnamalar boýunça möhleti uzaldylan salgyt borçnamasy – umumy ykrar edilmek bilen, salgyt salmagyň wagt aratapawutlylygynyň ählisini öz içine alýar, şeýle-de, möhleti uzaldylan salgyt talaplary, aktiwler boýunça möhleti uzaldylan salgydy hasaplamak üçin gelejekde salgyt salynjak girdejiniň bar bolup bilmegi bilen ykrar edilýär.

Möhleti uzaldylan salgyt boýunça aktiwleriň balans gymmaty her-bir hasabatlygyň döwründe seredilýär we aktiwleri doly ýa-da bölekleýin öwezini dolmak üçin ýeterlik bolan, salgydyň talaplaryny durmuşa geçirmekden girdejiniň alynmak mümkinçiliginiň ýoklugyny aňladýan derejä laýyklykda peseldilýär.
Möhleti uzaldylan salgyt, çaklanylýan döwür üçin borçnamanyň üzülişmegindäki ýa-da aktiwiň durmuşa geçirilmegindäki degişli salgyt stawkasynda hasaplanylýar. Möhleti uzaldylan salgytlar – beýleki jemi girdejiler maddasyna gös-göni bagly bolýan ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda (agzalan ýagdaýda, möhleti uzaldylan salgytlar beýleki jemi girdejiler düzüminde görkezilýär), girdejiler we çykdajylar baradaky hasabatda görkezilýär.

Aktiwler we borçnamalar babatyndaky möhleti uzaldylan salgytlaryň özara hasaplaşygy geçirilýär we maliýe ýagdaýynyň hasabatynda jemi tapawutlylygy barada hasabat berýär:

- Bankyň, aktiwler boýunça girdeji salgyny borçnamalar boýunça girdeji salgydyna garşy hasaplamak babatyndaky kanuny hukugynyň bar bolmagy;
- Aktiwler we borçnamalar babatyndaky möhleti uzaldylan salgytlar, şol bir ýuridiki şahs tarapyndan, şol bir salgyt gullugynyň girdejä salýan salgydyna degişli bolup durýar.

Bankyň, amallary geçirýän ýeri bolan Türkmenistan döwletinde bankyň alyp barýan işi bilen bahalandyrylan başga-da birnäçe salgytlar bar. Bu salgytlar, amallar çykdajysynyň bir bölegi bolandygy sebäpli girdejiler baradaky hasabata goşulan.

**Banklaryň, müşderileriň gündelik hasaplary we beýleki çekilen serişdeler**

Banklaryň, müşderileriň gündelik hasaplary we beýeki çekilen serişdeler ilkibaşdaky adalatly gymmatynda ykrar edilýär. Soňra, şunuň ýaly amallar boýunça borçnamalar, amortizirlenen gymmatynda hasaplanylýar we balans gymmat bilen üzülişmeli gymmatyň arasyndaky degişli tapawutlylyk, goýum çykdajylarynyň düzümindäki işjeň göterim usulyny peýdalanmak arakaly karzyň möhletiniň çäginde girdejiler we çykdajylar baradaky hasabatda görkezilýär.

Ätiýaçlyklar

Ätiýaçlyklar – Bankyň, geçen wakalarynyň netijesinde häzirki borçnamalaryň emele gelmegi netijesinde hasabatda ýöredilýär, ýagny bu borçnamalary üzülişmek ykdysady bähbitleri özünde jemleýän resurslaryň gitmegini kesgitleýär, şeýle-de şunuň ýaly borçnamalar ýeterlikli takyk derejede bahalandyrylyp bilinýär.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

**Maliýe taýdan kepillendiriji şertnamalar we akkreditiwler**

Bank tarapyndan berlen maliýe taýdan kepillendiriji şertnamalar we akkreditiwler, bu – ilkibaşdaky ýa-da borçnama guralynyň üýtgedilen şertlerine laýyklykda debitoryň tölegi amala aşyryp bilmedik ýagdaýynda saklaýjynyň ýitgisiniň öwezini dolmak üçin bankyň amala aşyrýan tölegine aýdylýar. Şunuň ýaly bank tarapyndan berlen maliýe taýdan kepillendiriji şertnamalar we akkreditiwler ilkibaşdaky adalatly gymmaty bilen ykrar edilýär. Soňra, olar (a) Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleriniň 37 bendine “Ätiýaçlyklar, Şertleýin borçnamalar we şertleýin aktiwler” laýyklykda ykrar edilmek bilen ätiýaçlyk hökmünde ölçenen; we (b) görkezilen haýsy jemiň ýokarylygyna baglylykda, maliýe taýdan kepillendiriji şertnamalardan we akkreditiwlerden geljekgi döwrüň girdejisini, höweslendirme görnüşindäki ýygnalan amortizasiýany (eger-de mümkinçilik berilse) aýyrmak netijesinde ilkibaşdaky görkezilýän jem ykrar edilýär.

**Şertleýin borçnamalar**

Şertleýin borçnamalar maliýe ýagdaýy baradaky hasabatda ykrar edilmeýär, ýöne, hasaplaşykda bolan islendik serişdeleriň gitmegi, wagt taýdan uzaga çekdirilen ýagdaýynda şertleýin borçnamalar açylyp görkeziliýär.

**Paýdarlar maýasy**

Paýdarlar maýasy özüne düşýän gymmatynda ykrar edilýär.

**Girdejileri we çykdajylary ykrar etmek**

Göterim girdejileriniň we çykdajylarynyň ykrar edilmegi

Göterim girdejileri we çykdajylary, işjeň göterim usulyny peýdalanmak bilen, işjeň göterim usulyny hasaplamak arkaly ykrar edilen. Işjeň göterim usuly, bu – maliýe aktiwleriniň ýa-da maliýe borçnamalarynyň (ýa-da maliýe aktiwleriniň ýa-da maliýe borçnamalarynyň topary) amortizirlenen gymmatynyň hasaplamak usuly bolup durýar we degişli döwürde göterim girdejileri ýa-da göterim çykdajylary bellenilýär. Işjeň göterim stawkasy, bu – çaklanylýan geljekgi pul tölegleriniň ýa-da maliýe guralynyň çaklanylýan hyzmat ediş möhletinden bolan pul serişdeleriniň gelmegi babatyndaky stawka hasabatçylygynyň takyklygyna aýdylýar, ýa-da maliýe aktiwine ýa-da maliýe borçnamasyna gysga möhletli, sap balans gymmatyna aýdylýar.

Eger-de, maliýe aktiwi ýa-da maliýe aktiwine deňelýän toparlar, gymmatyň peselmeginiň ýitgileri netijesinde hasapdan aýrylan bolsa, onda, göterim girdejileri – gymmatyň peselmeginiň ýitgilerini kesgitlemek maksatly geljekgi pul serişdeleriniň akymyny diskontirlemek üçin ulanylýan, göterim stawkalaryny peýdalanmak arkaly ykrar edilýär.

**Daşary yurt walýutasyndaky amallar**

Bankyň maliýe hasabatlygy Bankyň alyp barýan işine laýyklykda esasy ykdysady ýagdaýynyň walýutasynda getirilýär. Maliýe hasabatlygyň taýýarlanylmagynda, hasabat senesine görä, çalşyk hümmetiniň spot kursuna geçirilen Bankyň funksional walýutasyndan (daşary yurt walýutasy) başgalary, daşary yurt walýutasynda aňladylýan aktiwler we borçnamalar walýutalara denominirlenen. Funksional walýutalardan özge beýleki walýuta amallary, degişli amal senesine laýyklykda walýuta hümmetinde hasaplanan. Amallardan gelýän girdejiler we ýitgiler, daşary yurt amallarynyň sap girdejisine goşulan.

**Çalşyk hümmeti**

Maliýe hasabatlygyň taýýarlanylmagyndaky Bankyň ýylyň ahyryna ulanan walýuta hümmetleri şu aşakdaky ýaly:

| | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| TMM/1 ABŞ-nyň dollary | 2.85 | 2.85 |
| TMM/1 Ýewro | 4.09 | 4.02 |
| TMM/1 Ýapon iýenasy | 0.03 | 0.03 |
| TMM/1 Hytaý ýuani | 0.42 | 0.42 |

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

## Maliýe aktiwleriniň we borçnamalarynyň hasaplanylmagy

Maliýe aktiwleri we borçnamalary hasaplanylýar we maliýe ýagdaýy baradaky hasabatda – Bankyň balansda ykrar edilen pul serişdeleriniň jemini hukuk taýdan hasaplamaga hukugy bolan ýagdaýynda hem-de galyndy pul serişdeleriniň jemi boýunça hasaplamany geçirmegi niýetleýän, ýa-da aktiwi iş ýüzüne geçirmek arkaly üzülişmek we şol bir wagtyň özünde borçnamany üzülişmegi netijesinde galyndy pul serişdesiniň jemi hökmünde görkezilýär. Hasapdan aýyrmak hökmünde kesgitlenmedik maliýe aktiwiniň geçirilmeginde, Bank geçirilen aktiwiň we oňa bagly borçlaryň hasapdan aýrylmagy baradaky amal diýip ykrar etmeýär.

Dolandyryjylyk pikirleriniň ugurlary we kesgitsizlik hasaplamasynyň bahalandyrylyşynyň çeşmesi
Bankyň maliýe hasabatlygyň taýýarlanmagynda, müdiriýet, maliýe ýagdaýynyň hasabatyndaky hasabatlyk senesiniň aktiwleriniň we borçnamalarynyň jemine we şol hasabat döwründe maliýe hasabatlygynda ykrar edilen girdejileriň we çykdajylaryň pul serişdeleriniň jemine täsir ýetirip biljek hasaplaşyk bahalandyrmany we pikirleri işläp taýýarlaýar. Müdiriýet, özüniň bahalandyrmasyny we pikirlerini üznüksiz esasda geçirýär. Müdiriýet, özüniň bahalandyrmasyny we alyp barýan pikirlerini bar bolan tejribeler we ýagdaýlara görä, laýyk boljak dürli faktorlar boýunça esaslandyrýar. Hakyky netijeler, dürli-dürli çaklamalar ýa-da ýagdaýlar netijesinde şol bahalandyrmalardan tapawutlanyp bilýär. Soňraky bahalandyrmalar we pikirler, Bankyň maliýe ýagdaýy hakyndaky hasabaty görkzmeklikde möhüm hasap edilýär:

## Karzlaryň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklary

Bank hemişelik esasda, özleriniň karzlaryny gymmatyň peselmeginiň predmeti boýunça seredýär. Kazrlaryň gymmatynyň peselmegi babatyndaky bank ätiýaçlygy, özüniň karz bukjasynda gymmatyň peselmegindäki ýitgileri ykrar etmek üçin döredilen. Bank, karzlaryň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklaryna degişli bolan hasaplanan bahalandyrmalary, şu aşadakylara görä, şübhelilik bilen pikir etmegiň çeşmesi hökmünde garaýar, ýagny (i) geljekgi hümmetiň/stawkanyň peselmeginiň çaklanylmasy, hem-de ýaňy-ýakyndaky tejribäniň netijesindäki karzyň gymmatynyň pese gaçmagyna degişli bolan potensial çykdajylaryň bahalandyrmasy hökmünde karzlar döwürleýin, ýokary derejede üýtgäp durýar, we (ii) Bankyň bahalandyran çykdajylary bilen hakyky çykdajylaryň arasyndaky islendik tapawutlylyklar babatyndan Bankyň ätiýaçlyk döretmegini talap edýär, ýagny, bu öz gezeginde geljekgi döwürde özüniň maliýe hasabatlygyna ep-esli täsir edip biler.

Bank, beren islendik karzlary babatynda, karz alyjynyň maliýe kynçylyklary we şular ýaly karz alyjylar boýunça az maglumatlaryň bolandygy sebäpli, gymmatyň peselmeginiň ýitgisini ölçemek üçin müdiriýetiň pikir-garaýyşlaryny peýdalanýar. Şeýle-de, Bank, özüniň pul serişdeleriniň hereketi baradaky gelejekgi üýtgetmeleri, geçen iş tejribesiniň, karz alyjynyň bergisini üzmeklikdäki negatiw üýtgemesini görkezýän, müşderiniň alyp baran hereketiniň, şeýle hem Bankyň aktiwleri boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmezligini düzgünleşdirýän milli ýa-da ýerli ykdysady şertler esasynda bahalandyrýar. Müdiriýet özüniň bahalandyrmalaryny – karz töwekgleçilikleriniň häsiýetleri bilen häsiýetdeş bolan aktiwler boýunça emele gelen çykdajylaryň hem-de şunuň ýaly kazrlar toparynda analogiki bolan, gymmatyň peselmeginiň obýektiw maglumatlaryň taryhy tejribesi esasynda peýdalanýar.
Maliýe hasabatlygyndaky maliýe aktiwiň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklary – bar boan ykdysady we syýasy şertler esasynda kesgitlenildi. Bank, ýurtda – hasydyr-bir şertler bilen üýtgeşmeleriň boljakdygyny we şolar netijesinde, geljekgi döwürde maliýe aktiwleriniň gymmatynyň peselmeginiň ätiýaçlyklarynyň adekwatlylygyna täsir etjekdigini öňünden çaklap bilmeýär.

## Täze we gaýtadan seredilen ülňeleriň kabul edilmegi

Bank 2009-njy ýylda özüniň amallaryna degişli bolan we 2009-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin hasabatlygy taýýarlamakda güýje giren Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleri boýunça Geňeşi (BHHÜG) hem-de Halkara Maliýe Hasabatlygy boýunça Düşündiriş berýän Komiteti (HMHDK) tarapyndan yglan edilen täze we gaýtadan seredilen Ülňeleri we Düşündirişleri kabul etdi. Täze we gaýtadan seredilen Ülňeler we Düşündirişler, häzirki hem-de geçen ýyllaryň maglumatlaryny görkezmekde peýdalanylýan Bankyň hasaba alyş syýasatynyň üýtgemegine getirmedi.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

2007-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleri boýunça Geňeşi (BHHÜG) Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleriniň (BHHÜ) “Maliýe hasabatlygyny görkezmek” baradaky 1 belgisine üýtgetme girizdi, ýagny, bu öz gezeginde, hususy maýadaky eýeler bilen bagly bolmadyk üýtgetmeleri görkezýän usullaryň çalşyrylmagyny öz içine jemeleýär. Şeýle hem, munuň özi Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňelerinde (MHHÜ) peýdalanyljak maliýe hasabatlygyň esasy hasabatlarynyň atlaryny üýtgedýär, ýöne guramanyň maliýe hasabatlygynda, olaryň adyny çalşyrylmagyny talap etmeýär. 2009-njy ýylyň 5-nji martynda Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleri boýunça Geňeşi (BHHÜG) Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňeleriniň (MHHÜ) 7 belgisine “Maliýe Gurallar: Açyp görkezmek”-den “Maliýe Gurallarynyň Açylyp Görkezilmegini Kämilleşdirmek” diýen at bilen çalşyrmak arkaly üýtgetme girizdiler. Bu üýtgetmeler, adalatly gymmatyň ölçenilmegini açmak hem-de adalatly gymmatyň ýaüadan bahalandyrylmagynyň ygtybarlylygy barada ýuridiki şahslardan goşmaça açyp görkezmeler bilen üpjün etmekligi talap etmek babatynda üç derejeli ulgamy özünde jemleýär. Şeýle hem, bu üýtgetmeler likwidlilik töwekgelçiligi açyp görkezmek boýunça bar bolan talaplary kesgitleýär we giňeldýär.

Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleriniň (BHHÜ) “Maliýe gurallar: Ykrar etmek we bahalandyrmak” atly 39 belgisi we Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňeleriniň (MHHÜ) “Maliýe gurallar: Açyp görkezmek” atly 7 belgisi, “Maliýe aktiwleriniň ýaňadan klasifisirlenmegi” diýen at bilen 2008-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleri boýunça Geňeşi (BHHÜG) tarapyndan üýtgetme girizildi, ýagny bu ýagdaý, girdeji ýa-da ýitgi arkaly adalatly gymmaty boýunça ýasama/emeli däl maliýe aktiwleriniň (adalatly gymmatyna laýyklykda ilkibaşdaky ykrar edilmesinde girdeji ýa-da ýitgi arkaly adalatly gymmat boýunça bellenenlerden başgalar) kesgitlenen ýagdaýlarda ýaňadan klassifisirlenmegine ygtyýar berýär, şeýle hem aýratyn ýagdaýlarda, bar bolan satmak kategoriýasyndan, karzlar we debitor bergidarlyk kategoriýalaryna geçirmek boýunça maliýe aktiwleriň ýaňadan klassifisirlenmegine ygtyýar berýär. Eger-de, ýuridiki şahs, Bugalterçilik Hasabynyň Halkara Ülňeleriniň (BHHÜ) 39 belgisine bolan üýtgetmä laýyklykda maliýe aktiwlerini gaýtadan klassifisirlän ýagdaýyndan, onda Maliýe Hasabatlygyň Halkara Ülňeleriniň (MHHÜ) 7 belgisine bolan üýtgetme, goşmaça açyp görkezmek talabyny girizýär. Goşmaçalar 2008-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda güýji girdi we kesgitli ýagdaýlarda 2008-nji ýylyň 1-nji iýulyndan geçmişe gönükdirilmek arkaly peýdalynylyp bilner. Bank, öz gezeginde BHHÜ-niň 39 belgisine hem-de MHHÜ-niň 7 belgisine bolan üýtgetmeleri, geçmişe gönükdirmek arkaly peýdalanmagy saýlamady.

**Yglan edilen, ýöne, heniz kabul edilmedik ülňeler we düşündirişler**

Birnäçe täze ülňeler, ülňelere we düşündirişlere girizilen üýtgetmeler 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça heniz işjeň däl hem-de şu maliýe hasabatlygyny taýýarlamakda peýdalanylmady. Şu netijeler bilen, şu aşakdakylar Bankyň amallaryna öz täsirini ýetirip biler. Bank, şu üýtgetmeleri, olaryň güýje girmegi bilen kabul etmegi mýilleşdirýär:

Maliýe Gurallar: Klassifikasiýa we bahalandyrmak– 2009-njy ýylyň 12-nji noýabrynda BHHÜG-i MHHÜ-niň “Maliýe gurallar” atly 9 belgisini yglan etdi, çünki, bu BHHÜ-niň “Maliýe gurallar: ykrar etmek we bahalandyrmak” atly 39 belgisiniň ýerini çalyşmaklykda ilkinji ädimleriň biri bolup durdy. MHHÜ-niň 9 belgisi maliýe aktiwlerini klassifisirlemek we bahalandyrmak bilen bagly bolan täze talaplary öz içinde jemleýär. Bu täze talaplar 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap öz güýjine girýär, şeýle-de olaryň kabul edilmegi güýji girmeginden öň bolup biler, şol sanda 2009-njy ýyl hem muňa degişli. BHHÜG-i 2010-njy ýylyň dowamynda MHHÜ-niň 9 belgisini, maliýe borçnamalaryň klassifisirlemek we bahalandyrmak, maliýe gurallarynyň ykrar edilmegini bes etmek, gymmatynyň peselmegi we hedž bugalterçilik hasabaty boýunça täze talaplary girizmek arkaly giňeltmekligi meýilleşdirýär. 2010-njy ýylyň ahyryna MHHÜ-niň 9 belgisi BHHÜ-niň 39 belgisi bilen ýerini çalşyrar we 2013-nji ýyl üçin hökmany häsiýetli bolar. Bankyň başlygy, bu ülňäni wagtyndan öň kabul etmezlik boýunça karara geldi. Bankyň müdiriýeti, ülňeleriň kabul edilmegi netijesinde, peýdalanylan ýagdaýynda olaryň maliýe hasabatlygyna ýetirip biljek täsiriniň bahalandyrylmasyny tamamlamady.

2009-njy ýylyň oktýabr aýynda BHHÜG-i hukuklaryň emissiýasynyň klassifikasiýasy boýunça BHHÜ-niň 32 belgisine girizilen düzedişleri çykardy. Daşary ýurt walýutasynyň fiksirlenen möçberi üçin teklip edilýän hukuklaryň emissiýasyna, häzirki döwür tejribesi bu emissiýalary ýasama/emeli bergileri diýip hasaplanylmagyny talap edýär.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

Düzediş şeýle bellebilýär, ýagny şol bir görnüşli, walýutanyň fiksirlenen möçberinde şeýle hukuklar bar bolan ähli paýdalara deň ýagdaýda berilýän bolsa, satyn alyş bahasy görkezilen walýuta garamazdan, olar hususy maýa diýlip klassifisirlenmeli. Bu düzediş 2010-njy ýylyň 1-nji fewralyndan başlaýan ýyllyk döwür üçin täsir eder. Häzirki wagtda bankyň ýolbaşçylary üýgteşmäniň mümkin bolan netijelerine baha berýär.

## 4.SAP GÖTERIM GIRDEJISI

| Göterim girdejileri öz içine alýar: Amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe aktiwleriniň göterim girdejisi: | 31.12.2009 ýyly ýagdaýyna | 31.12.2008 ýyly ýagdaýyna |
|---|---|---|
| - gymmaty peselmeklige sezewar bolmaýan maliýe aktiwleriniň göterim girdejisi | 57,252 | 84,486 |
| - gymmaty peselen maliýe aktiwleri boýunça göterim girdejisi | 4,100 | 3,194 |
| Jemi göterim girdejisi | 61,352 | 87,680 |
| Amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe aktiwleriniň göterim girdejisi öz içine: | | |
| Müşderilere berlen karzlaryň göterim girdejileri | 57,107 | 69,205 |
| Banklardaky serişdeleriň göterim girdejileri | 3,880 | 17,641 |
| Bank tarapyndan üzülişmek möhletine çenli saklanylýan maýa goýumlaryň göterimi | 365 | 834 |
| Jemi amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe aktiwleriniň göterim girdejisi | 61,352 | 87,680 |
| Jemi göterim girdejisi | 61,352 | 87,680 |
| Göterim çykdajylary: | | |
| Amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe borçnamalarynyň göterim çykdajysy | 48,184 | 69,731 |
| Jemi göterim çykdajysy | 48,184 | 69,731 |
| Amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe borçnamalarynyň göterim çykdajysy öz içine: | | |
| Çekilen serişdeler boýunça göterim çykdajylary | 44,919 | 66,746 |
| Müşderileriň goýumlary boýunça göterim çykdajylary | 3,015 | 2,929 |
| Banklaryň serişdeleri boýunça göterim çykdajylary | 250 | 56 |
| Jemi amortizirlenen gymmatynda görkezilen maliýe borçnamalarynyň göterim çykdajylary | 48,184 | 69,731 |
| Göterim hasaplanylýan aktiwler boýunça gymmatyň peselmeginden ýitgiler üçin ätiýaçlygyň döredilmegine çenli sap göterim girdejisii | 13,168 | 17,949 |

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

## 5. GYMMATYŇ PESELMEGINDEN ÄTIÝAÇLYKLAR

Göterim hasaplanylýan aktiwler boýunça gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlyklarynyň hereketi baradaky maglumatlar, şu aşakdakylar ýaly görkezilen :

| | Müşderilere berlen karzlar | Beýleki aktiwler |
|---|---|---|
| 2007-nji ýylyň 31-nji dekabry | 5,782 | – |
| Ykrar edilen goşmaça ätiýaçlyklar | 682 | – |
| Daşary ýurt walýultasyny täzeden hasaplamagyň täsiri | 8,617 | – |
| 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry | 15,081 | – |
| Ykrar edilen goşmaça ätiýaçlyklar | (400) | 1,174 |
| 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 14,681 | 1,174 |

## 6. DAŞARY ÝURT WALÝUTALARYNYŇ AMALLARY BOÝUNÇA SAP GIRDEJI

Daşary yurt walýutalarynyň amallary boýunça sap girdeji şu aşakdaky ýaly görkezilýär:

| | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Söwda amallar, netto | 4,702 | (3,357) |
| Hümmet tapawutlylygy, netto | (3,858) | 132,074 |
| **Daşary yurt walýutalarynyň amallary boýunça jemi sap girdeji** | 844 | 128,717 |

## 7. HYZMATLAR HEM-DE ÝYGYMLAR BOÝUNÇA GIRDEJILER WE ÇYKDAJYLAR

Hyzmatlar hem-de ýygymlar boýunça girdejiler we çykdajylar şu aşakdakylar ýaly görkezilýär:

| | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| **Hyzmatlar we ýygymlar boýunça alnan girdejiler:** | | |
| Hasaplaşyk amallary | 6,345 | 6,233 |
| Kassa amallary | 4,436 | 2,851 |
| Plastik kartlar bilen amallar | 1,123 | 810 |
| Bank tarapyndan kepilnamalaryň berilmegi | 285 | 428 |
| Inkassasiýa amallary | 16 | – |
| Beýlekiler | 75 | 148 |
| Hyzmatlar we ýygymlar boýunça jemi girdeji | 12,280 | 10,470 |
| **Hyzmatlar we ýygymlar boýunça çykdajylar:** | | |
| Plastik kartlar bilen amallar | (1,190) | (571) |
| Hasaplaşyk amallar | (991) | (340) |
| Beýlekiler | (99) | (782) |
| Hyzmatlar we ýygymlar boýunça tölenen jemi çykdajylar | (2,280) | (1,693) |

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

## 8. KARZ BERGIDARLYGYŇ ÜZÜLIŞMEGINDEN GIRDEJI

1995-nji ýylda, Bank, karz ugruny açmak boýunça Hindistanyň döwlet banky bilen 1995-nji 24-nji martynda umumy bahasy ABŞ-nyň 5 milion dollaryndan we 1995-nji ýylyň 20-nji snetýabrynda umumy bahasy ABŞ-nyň 10 million dollaryndan ybarat bolan iki (2) sany ylalaşyklary baglaşdylar. Şu ylalaşyklara laýyklykda, Bank, karz ugrunyň şertlerine görä, alnan pul serişdelerini Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine subsidirlemeli. Ýöne, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi Bankyň öňünde karz ylalaşyklaryndan emele gelen öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmedi, şeýlelik-de, Bank alnan karz serişdelerini Hindistanyň döwlet bankyna gaýtaryp bilmedi. 2009-njy ýylda Hindistanyň döwlet bankyna karz ugrunyň ylalaşyklaryna görä, wagty geçen balans öz içine umumy bahasy TMM 11,742 müň göterim pul serişdesini jemleýär. 2009-njy ýylda Türkmenistanyň Hökümeti we Hindistanyň Hökümeti, Bank gatnaşygynda onuň bergisini geçmek baradaky ylalaşyga geldiler. 2010-njy ýylda Hindistanyň Hökümeti 2010-njy ýylyň 5-nji iýulyndaky Banka iberen hatyna laýyklykda wagty geçen karzy bankyň hasabyndan öçürýändigi hakyndaky netijesi bilen mälim etdi.

## 9.AMALLAR BOÝUNÇA ÇYKDAJYLAR

Amallar boýunça çykdajylar şu aşakdakylar ýaly görkezilýär:

| | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Iş haky | 13,386 | 6,234 |
| Esasy serişdeleriň we maddy däl aktiwleriň amortizasiýasy | 1,592 | 2,429 |
| Iş saparlarynyň çykdajylary | 1,330 | -- |
| Aragatnaşyk hyzmatlary | 916 | 801 |
| Bitewi durmuşy taýdan salgytlar | 524 | 428 |
| Professional hyzmatlar | 378 | 303 |
| Haýyr sahabat maksatlary üçin çykdajylar | 368 | 423 |
| Esasy serişdelere tehnika taýdan hyzmat | 367 | 381 |
| Gorag gullugy | 229 | 211 |
| Kanselýariýa harytlary | 126 | 358 |
| Hukuk taýdan hyzmatlar | - | 858 |
| Beýleki çykdajylar | 1,094 | 511 |
| Jemi amallar boýunça çykdajylar | 20,310 | 12,937 |

## 10. GIRDEJI SALGYDY

Bank, Txrkmenistanda iş alyp barmak bilen Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda, salgyt gullugynyň hasap ýörediş maglumatlary esasynda häzirki döwür üçin salgyt boýunça hasaplamalary taýýarlaýar, bu hasaplamalar MHHÜ-den tapawutly bolup biler.

Birnäçe çykdajylaryň – salgyt salynmak maksady üçin, şeýle hem girdejisä salgyt salynmaýandygy göz öňünde tutmak bilen Bankyň kesgitlenen durnukly salgyt tapawutlary emele gelýär.

Möhleti uzaldylan salgyt – maliýe hasabatlygy we salgyt salynmak üçin kesgitlenilýän pul serişdeleriniň jemi maksatly, hasaba alnan aktiwleriň we borçnamalaryň gymmatlarynyň arasyndaky wagtlaýyn aratapawudynyň sap salgyt täsirini görkezýär. 2009-njy we 2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabrynda bar bolan wagtlaýyn aratapawutlar, esasan girdejileriň we çykdajylaryň dürli usully hasaplamalary, şeýle-de birnäçe aktiwleriň hasaba alnan gymmaty bilen bagly bolup durýar.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

2009-njy we 2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça wagtlaýyn aratapawutlaryň täsiri şu aşakdakylar ýaly görkezilýär:

| | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| **Hasaplanan wagtlaýyn aratapawutlar:** | | |
| Müşderilere berlen karzlar | 41,733 | 17,970 |
| Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler | 7,956 | 7,889 |
| Beýleki aktiwler | 511 | - |
| Beýleki çekilen serişdeler | 7,622 | 26,422 |
| Beýleki borçnamalar | - | 2,356 |
| Jemi hasaplanan wagtlaýyn aratapawutlar | 57,822 | 54,637 |
| **Salgyt salynýan wagtlaýyn aratapawutlar:** | | |
| Bank tarapyndan üzülişmek möhletine çenli saklanylýan maýa goýumlar | - | 289 |
| Jemi salgyt salynýan wagtlaýyn aratapawutlar | - | 289 |
| Salgyt salynýan wagtlaýyn aratapawutlaryň sap möhletleriň uzaldylmagy | 57,822 | 54,348 |
| Kanun tarapyndan bellenen salgyt stawkasy (4.5%) sap möhleti uzaldylan salgyt borçnamasy | 2,602 | 2,446 |
| Sap möhleti uzaldylan salgyt aktiwi | 2,602 | 2,446 |

gatnaşygy 2009-njy we 2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabr aýynyň ýagdaýyna bolan salgyt çykdajylaryň we buhgalterçilik girdejileriň arasyndaky gatnaşyklar, şu aşakdaky ýaly görkezilýär:

| | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin |
|---|---|---|
| Girdeji salgydyna çenli girdeji | 12,975 | 138,743 |
| Hemişelik aratapawut boýunça salgydyň täsiri | 584 | 6,243 |
| Salgyt salynmaýa başga girdeji | - | (107) |
| Hasaba degişli bolmadyk başga çykdajylar | 216 | - |
| Geçen ýylyň girdeýji salgydynyň çykdajylaryny täzeden bahalandyrmak | (6,463) | - |
| Girdeji salgydy boýunça (girdejiler)/çykdajylar | (5,663) | 6,136 |
| Häzirki girdeji salgydy boýunça çykdajylar | 956 | 7,936 |
| Wagtlaýyn aratapawudyň emele gelmegi we üýtgemegi bilen bagly bolan möhleti uzaldylan salgyt boýunça çykdajylar | (156) | (1,800) |
| Geçen ýylyň girdeýji salgydynyň çykdajylaryny täzeden bahalandyrmak | (6,463) | - |
| Girdeji salgydy boýunça (girdejiler)/çykdajylar | (5,663) | 6,136 |

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

| **Möhleti uzaldylan girdeji salgydynyňaktiwi** | **2009-njy ýyl** | **2008-nji ýyl** |
|---|---|---|
| Ýylyň başyna | 2,446 | 646 |
| Girdejide/ýitgide görrkezilýän, ýylyň jemi boýunça girdeji salgyt aktiwiniň artmagy | 156 | 1,800 |
| Ýylyň ahyryna | 2,602 | 2,446 |

## *11. TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKYNDAKY PUL SERIŞDELERI WE HASAPLARY*

| | **2009-njy ýylyň 31-nji dekabry** | **2008-nji ýylyň 31-nji dekabry** |
|---|---|---|
| Nagt serişdeleri | 8,291 | 6,964 |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky hasaplarynda galyndylar | 42,253 | 157,103 |
| Jemi Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky pul serişdeleri we hasaplary | 50,544 | 164,067 |

Pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabatda görkezilen pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri şu aşadakylary öz içine alýar:

| | **2009-njy ýylyň 31-nji dekabry** | **2008-nji ýylyň 31-nji dekabry** |
|---|---|---|
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky pul serişdeleri we hasaplar | 50,544 | 164,067 |
| Ilkinji üzülişmek möhletli bolan banklardaky serişdeler | 508,858 | 362,166 |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky serişdeler, | 559,402 | 526,233 |
| Hökmany ätiýaçlyk pul serişdeleriniň jemini aýyrmak bilen | (15,024) | (14,510) |
| **Jemi pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri** | 544,378 | 511,723 |

## *12. BANKLARDAKY SERIŞDELER*

| Kazrlar we debitor bergidarlyk hökmünde hasaba alnan: | **2009-njy ýylyň 31-nji dekabry** | **2008-nji ýylyň 31-nji dekabry** |
|---|---|---|
| Beýleki banklardaky gyssagly depozitler | 483,451 | 463,832 |
| Beýleki banklaryň aragatnaşyk hasaplary | 148,554 | 51,558 |
| **Jemi banklardaky serişdelriň:** | **632,005** | **515,390** |

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça banklardaky serişdeleriň hasabyna goşulan, hasaplanan göterimeler 23000 (ýigrimi üç müň) we 464000 (dört ýüz altmyş dört müň) manada degişlilikde deň boldy.

2009-2008 nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça Bankyň 7 (ýedi) banklardan algylary bardy, bu bolsa Bankyň maýasyny 10% atrdyrýar.

## *13. MÜŞDERILERE BERLEN KARZLAR*

| | **2009-njy ýylyň 31-nji dekabry** | **2008-nji ýylyň 31-nji dekabry** |
|---|---|---|
| Müşderilere berlen karzlar | 1,541,796 | 1,792,885 |
| Gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlygyny aýyrmak şerti bilen | (14,681) | (15,081) |
| **Jemi müşderilere berlen karzlar** | **1,527,115** | **1,777,804** |

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabrynda tamamlanýan ýyl üçin, müşderilere berlen karzlaryň gymmatynyň peselmägindäki ätiýaçlyklaryň hereketi baradaky maglumatlar 5-nji Bellikde beýan edilýär.

Müşderilere berlen karzlaryň düzümine, ýygnalan göterim girdejileri girýär, bu bolsa öz gezeginde 2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça 8,771 müň manat we 17,262 müň manada, degişilikde deň boldy.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

Aşakda görkezilýän görkezijilerde, müşderilere berlen karzyň, häzirki gymmatynyň seljerilmegi görkezilýär, ýagny karz babatynda üpjünçiligiň adalatly gymmaty däl-de, alnan üpjünçilik kesişmesinde beýan edilýär:

| | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Döwlet kepilnamalary bilen üpjün edilen karzlar | 1,492,105 | 1,777,893 |
| Korporatiw kepilnamalary bilen üpjün edilen karzlar | 46,029 | 8,963 |
| Gozganmaýan girew bilen üpjün edilen karzlar | 1,947 | 1,551 |
| Pul serişdeleri bilen üpjün edilen karzlar | 162 | 3,769 |
| Üpjün edilmedik karzlar | 74 | 52 |
| Beýleki karzlar | 1,479 | 657 |
| | 1,541,796 | 1,792,885 |
| Gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlygyny aýyrmak şerti bilen | (14,681) | (15,081) |
| Jemi müşderilere berlan karzlar | 1,527,115 | 1,777,804 |

| **Ykdysadyýetiň pugdaklary boýunça seljermek:** | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Nebit we gaz | 975,609 | 1,281,321 |
| Ulag | 248,413 | 257,429 |
| Aragatnaşyk ulgamy | 160,214 | 89,204 |
| Dokma senagaty | 140,098 | 153,351 |
| Syýahatçylyk we sport | 12,349 | 5,597 |
| Şahsy taraplar | 2,414 | 2,451 |
| Energetika | 30 | 2,060 |
| Başgalar | 2,669 | 1,472 |
| | 1,541,796 | 1,792,885 |
| Gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlygyny aýyrmak şerti bilen | (14,681) | (15,081) |
| Jemi müşderilere berlen karzlar | 1,527,115 | 1,777,804 |

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça Bank, umumy bahasy 1,496,316 müň manat we 1,777,708 müň manatlyk, degişlilikde, ýedi sany karz alyjylara karz berdi we her-bir kazr alyjynyň bergisi Bankyň maýasynyň jemini 10% artdyrýardy.

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça müşderilere berlen karzlar 85,971 müň manat we 43,482 müň manatdan, degişlilikde ybarat boldy hem-de olaryň möhletleri täzeden seredildi. Ýogsam, bu karzlaryň möhleti geçerdi ýada gymmaty peselerdi.

## *14. BANK TARAPYNDAN ÜZÜLIŞMEK MÖHLETNE ÇENLI SAKLANAN MAYA GOÝUMLAR*

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça Bank tarapyndan üzülişmek möhletine çenli saklanylýan maýa goýumlaryň hataryna Commerzbank AG-ň obligasiýalaryny öz içine aldy. Olaryň emele gelişi we töleginiň möhleti 2008-nji ýylyň 15-nji aprel aýy we 2010-njy ýylyň 17-nji aprel aýy degişlilikde.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

## *15. ESASY SERIŞDELER, ENJAMLAR WE MADDY DÄL AKTIWLER*

| | Ýer meýdanlary we jaýlar | Mebeller we enjamlar | Ulag serişdeler | Maddy däl aktiwler | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|
| **Ilkinji gymmaty** | | | | | |
| 2007-nji ýylyň 31-dekabry | 35,072 | 16,869 | 1,250 | 2,661 | 55,852 |
| Gelen zatlar | -- | 3,157 | -- | 17 | 3,174 |
| Gykyp gitmeler | -- | (2,310) | -- | -- | (2,310) |
| 2008-nji ýylyň 31-dekabry | 35,072 | 17,716 | 1,250 | 2,678 | 56,716 |
| Gelen zatlar | -- | 1,102 | 199 | 894 | 2,195 |
| Gykyp gitmeler | (5,077) | (7,718) | (795) | (930) | (14,520) |
| 2009-njy ýylyň 31-dekabry | 29,995 | 11,100 | 654 | 2,642 | 44,391 |
| **Ýygnalan amortizasiýa** | | | | | |
| 2007-nji ýylyň 31-nji dekabry | (5,782) | (11,373) | (1,184) | (2,667) | (21,006) |
| Ýyl üçin hasaplanan | (591) | (1,813) | (21) | (4) | (2,429) |
| Çykyp gitmelerde aýrylan | -- | 17 | -- | -- | 17 |
| 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry | (6,373) | (13,169) | (1,205) | (2,671) | (23,418) |
| Ýyl üçin hasaplanan | (311) | (1,067) | (20) | (194) | (1,592) |
| Çykyp gitmelerde aýrylan | 5,077 | 7,718 | 795 | 930 | 14,520 |
| 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | (1,607) | (6,518) | (430) | (1,935) | (10,490) |
| **Sap balans gymmaty** | | | | | |
| 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 28,388 | 4,582 | 224 | 707 | 33,901 |
| 2008-nji ýylyň 31- nji dekabry | 28,699 | 4,547 | 45 | 7 | 33,298 |

Maddy däl aktiwler, esasan programma üpjünçiliginden ybarat.

## *16. BEÝLEKI AKTIWLER*

| | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Hasaplanan ýygym | 1,880 | 2,468 |
| Beýleki amallar boýunça gymmatyň peselmeginiň ätiýaçlygyny aýyrmak şerti bilen | (1,174) | -- |
| **Jemi beýleki maliýe aktiwler** | 706 | 2,468 |
| **Beýleki maliýe däl aktiwler:** | | |
| Döwlet maksatnamalary boýunça gurlan binalar | 32,292 | 20,513 |
| Haryt-maddy ätiýaçlygy | 369 | 502 |
| Beýlekiler | 1,252 | 1,607 |
| **Jemi beýleki maliýe däl aktiwler** | 33,913 | 22,622 |
| **Jemi beýleki aktiwler** | 34,619 | 25,090 |

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça döwlet maksatnamalaryň çäklerinde bina edilen jaýlar, öz içine söwda merkezlerini we ýaşaýyş binalaryny alýar.Türmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan Aşgabadyň binagärçilik keşbini ösdürmek boýunça umumy maksatnamasyna laýyklykda, Bank döwlet edarasy bolmak bilen, durmuşy taýdan obýektleri gurmaga borçlanýar.

## *17. BANKLARYŇ SERIŞDELERI*

Banklaryň we beýleki maliýe guramalaryň serişdeleri, şu aşakdakylar ýaly görkezilýär:

| | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Beýleki banklaryň aragatnaşyk hasaplary | 24,793 | 34,278 |
| Banklaryň karzlary we gyssagly depozitleri | 11,305 | 19,278 |
| Jemi banklaryň serişdeleri | 36,098 | 53,556 |

## *18. MÜŞDERILERIŇ HASAPLARY*

| **Amortizirlenen gymmaty boýunça hasaplanan:** | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Talap edilýänçä depozitler | 492,631 | 326,778 |
| Gyssagly depozitler | 129,181 | 168,674 |
| **Jemi müşderileriň serişdeleri** | 621,812 | 495,452 |

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça, umumy möçberi 7,367 müň manat we 20,120 müň manatdan, degişlilikde seredilmeli, ybarat bolan müşderileriň serişdeleri, Bankyň goýberen akkredetiwlere boýunça üpjünçilik, şeýle-de şertleýin borçnamalara degişli bolup durýan beýleki amallar gatanaşygynda üpjünçilik hökmünde Bank tarapyndan peýdalanyldy.

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça, umumy möçberi 598 müň manat we 703 müň manatdan, degişlilikde seredilmeli, ybarat bolan müşderileriň serişdeleri, Bank tarapyndan goýberilen akkreditiwlere boýunça üpjünçilik hökmünde peýdalanyldy.

| **Ykdysadyýetiň pudaklary boýunça seljermek:** | 2009-njy ýylyň 31-nji dekabry | 2008-nji ýylyň 31-nji dekabry |
|---|---|---|
| Nebit we gaz | 393,098 | 302,923 |
| Ulag we Aragatnaşyk | 111,520 | 55,497 |
| Şahsy taraplar | 29,910 | 26,955 |
| Gurluşyk | 23,606 | 15,717 |
| Ätiýaçlandyrmak | 11,350 | 15,213 |
| Hökümet | 5,576 | 4,518 |
| Bölekleýin täjirçilik | 4,877 | 9,164 |
| Myhmanhanalar täjirçiligi | 4,226 | 6,804 |
| Saglygy goraýyş | 2,632 | 1,077 |
| Senagat | 2,607 | 2,901 |
| Syýahatçylyk we sport | 1,955 | 7,740 |
| Energiýa | 488 | 393 |
| Oba hojalygy | 213 | 20,187 |
| Maliýe pudagy | 62 | 26 |
| Sungat | 52 | 22 |
| Beýlekiler | 29,640 | 26,315 |
| **Jemi müşderileriň serişdeleri** | 621,812 | 495,452 |

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça, müşderileriň serişdelerine goşulan, hasaplanan göterim çykdajylary, degişlilikde seredilmeli, umumy möçberi 227 müň manat we 205 müň manatdan ybarat boldy.

| *19. BEÝLEKI ÇEKILEN SERIŞDELER* | **Emele gelen möhleti we üzülişmegiň möhleti** | **% stawkasy** | **2009-njy ýylyň 31-nji dekabry** | **2008-nji ýylyň 31-nji dekabry** |
|---|---|---|---|---|
| "Eksimbank", Hytaý | 24/07/2000-21/03/2027 | 2.5%-4% | 452,687 | 360,202 |
| Deutsche Bank AG | 21/03/2027 15/09/2015 | 3.5% | 412,825 | 526,864 |
| Halkara Hyzmatdaşlyk boýunça Ýaponiýanyň Banky | 12/06/1998-20/12/2027 | 2.1%-2.8% | 319,910 | 567,152 |
| Ýaponiýanyň Halkara Hyzmatdaşlyk Agentligi | 12/06/1998-20/12/2027 | 2.1%-2.8% | 121,741 | 131,080 |
| Bayerische Landesbank | 30/09/1997-30/09/2010 | 4% | 44,159 | 88,865 |
| Beýlekiler | | | 54,708 | 86,153 |
| **Jemi beýleki çekilen serişdeler** | | | 1,406,030 | 1,760,316 |

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça, iki tarapyň ylalaşyklarynyň şertlerine görä, Bank beýleki çekilen serişdeler babatynda maliýe borçnamalary ýerine ýetirmäge borçlanmaýar.

### *20. MAÝASY*

2009-njy ýylyň we 2008-nji ýylyň dekabr aýynyň 31-i ýagdaýyna Bank doly Türkmenistanyň Hökümetine eýeçiliginde bolup durýar. Her ýyl Bankyň maýasy Bankyň Başlyklar Geňeşiniň buýrugyna laýyklykda hasabat ýylyň peýdasynyň paýlanylmagynyň hasabyna artdyrylýar.

### *21. ŞERTLEÝIN MALIÝE BORÇNAMALAR*

Özüniň alyp barýan işiniň çöginde, müşderileriň isleglerini kanagatlandyrmak üçin Bank balansdan daşsgary töwekgelçilikli maliýe gurallaryny peýdalanýar. Agzalan gurallar, dürli-dürli derejeli karz töwekgelçiliklerini özünde jemleýär hem-de maliýe ýagdaýy baradaky hasabatda görkezilmeýär.

Bank, balansda hasaba alýan amallar gatnaşygyndaky ýaly, şertleýin borçnamalar gatnaşygynda hem şol bir karz syýasatyny ulanýar.

2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýy boýunça, şertleýin maliýe borçnamalar şu aşakdakylar ýaly görkezilýär:

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

| **Şertleýin borçnamalar we karzlar boýunça borçnamalar:** | **2009-njy ýylyň 31-nji dekabry** | **2008-nji ýylyň 31-nji dekabry** |
|---|---|---|
| Hasaplaşyk amallaryna degişli bolup durýan akkreditiwler we beýlik şertleýin borçnamalar | 179,533 | 131,329 |
| Karzlar we peýdalanylmadyk karz ugurlary boýunça borçnamalar | 33,118 | 136,947 |
| Goýberilen kepilnamalar we analogiki borçnamalar | 598 | 703 |
| **Jemi şerteýin borçnamalr we karzlar boýunça borçnamalar** | 213,249 | 268,979 |

Möçberiň çägi esasynda açyk karz ugry boýunça müşderilere karzlary bermek baradaky çözgüt, müşderiniň karz üçin ýüzlenen her-bir nabatynda we karz alyjynyň maliýe ýagdaýyna, karz syýasatyna we birnäçe faktorlara esaslanyp Bank tarapyndan kabul edilýär.
Bankyň 2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýlary boýunça düýpli maýa borçnamalary ýokdur.

Bankyň 2009-2008-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýlaryna görä, amallar kärendesi boýunça borçnamalary ýokdur.

**Kazyýet talap arzasy**

Wagtal-wagtal Bankyň alyp barýan gündelik işleriniň dowamynda müşderiler we kontragentler Banka bolan şikaýatlaryny görkezýärler. Bankyň ýalbaşçysy, bildirilen şikaýatlaryň çözülmegi netijesinde, Bankyň düýpli ýitgileri çekmejekdigini bildirýär, hem-de maliýe hasabatlygynda bular üçin ätiýaçlyklar döredilmedi.

**Salgyt salmak**

Türkmenistanyň täjirçilik, hususan-da, salgyt kanunçylygynda bar bolan birnäçe düşündiriş berýän düzgünnamalaryň, şeýle hem salgyt gullugynyň – edaranyň işiniň meseleleri boýunça esassyz kararlary çykarmak tejribesiniň barlygy sebäpli, çünki, eger-de, ýolbaşçy tarapyndan Banklyň alyp barýan işiniň haýsydyr-bir belli hereketi kanunçylyga esaslanyp düşündiriş berilen ýagdaýynda, bu hereketler salgyt edarasynyň garşy çykmagyna getirer, bu bolsa öz gezeginde goşmaça salgytlaryň, jerimeleriň we puşmany jerimeleriň hasaplanylmagyna getirip biler.

Munuň ýaly kesgitsizlik, hususan-da maliýe gurallarynyň, gymmatyň peselemeginiň ýitgileri üçin ätiýaçlygyň emele gelmeginiň derejesiniň bahalandyrylmagyna we geleşikler boýunça san görkezijileri babatyndaky bazar derejesiniň kesgitlenilmegine degişli bolup durýär. Şeýle hem munuň özi, salgyt edarasy tarapyndan şu teswirleme getirip biler, ýagny, karza deňelýänler, karzlar we bergidarlyk boýunça bolup biljek ýitgileriň ätiýaçlyklaryny emele getirmek we dikeltmek babatyndaky emele gelen wagtaýyn salgyt aratapawudyny, salgyt salmaklygyň bazasyny peseltmek bilen teswirlap bilerler. Bankyň ýolbaşçysy ähli salgyt hasaplamalr ýerine ýetirilendigine, şol bir wagtda-da, maliýe hasabatlygynda haýsydyr-bir ätiýaçlyklaryň hasaplanylmadygyna ynanýar.

**Ykdysady ýagdaý**

Bankyň esasy ykdysady işi Türkmenistanda alnyp barylýar. Geçen ýyllaryň içinde, Türkmenistanda, kärhanalaryň işlerine ep-esli täsir edýän we gelejekde täsir edip biljek pozitiw häsiýetli syýasy hem-de ykdysady başdan geçirmeler bolup geçdi. Şonuň netijesinde, Türkmenistandaky hojalyk işleri, ykdysadyýeti ösüp barýan ýurtlar üçin häsiýetli bolan şertlerde alnyp barylýar. Şu maliýe hasabatlylygy, Türkmenistandaky ykdysady şertleriň, Bankyň işine we maliýe ýagdaýyna bolan täsirine berýän Bankyň ýolbaşçysynyň bahalandyrmasyny görkezýär. Gelejekgi ykdysady gurşaw, ýolbşçynyň berýän bahalandyrmasyndan tapawutlanyp biler.

**Dünýä maliýe bazarlarynyň we Türkmenistanyň maliýe bazarynyň üýtgäp durmagy**

Geçen ýyllaryň içinde maýa bazarlary we iri dünýä ykdysadyýetiniň karz bazarlary, özleriniň düýpli üýtgemleri bilen häsiýetlendirildi. Birnäçe iri maliýe guramalar, özleriniň bankrotlygy/synmaklygy barada ykrar etdiler ýa-da beýleki maliýe guramalaryna satyldylar we/ýa-da döwletden maliýe kömegini aldylar.

# 2009-NJY ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANÝAN ÝYL ÜÇIN MALIÝE HASABATLARA BELLIKLER

